**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW: – BERKARAR DÖWLETIMIZIŇ ÄHLI MÜMKINÇILIKLERI ÖŇDE GOÝLAN BELENT MAKSATLARA ÝETMEGIŇ, ÝURDUMYZYŇ HER BIR RAÝATYNYŇ, TUTUŞ HALKYMYZYŇ BAGTYÝAR WE EŞRETLI DURMUŞYNY ÜPJÜN ETMEGIŇ ANYK UGURLARYNA GÖNÜKDIRILÝÄR.**


ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

2-nji fewral, 2024. Belgisi 5/1571




# ÝURDUMYZYŇ SEBITLERI TOPLUMLAÝYN ÖSDÜRILÝÄR

29-njy ýanwarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan möwsümleýin işleriň ýagdaýy bilen bagly meselelere garaldy.

Iş maslahatynda welaýatlaryň häkimleri sebitlerde alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň ýagdaýy barada hasabat berdiler.

Bellenilişi ýaly, welaýatlarda şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlarda sürüm, tekizleýiş, çil çekmek, topragy mineral dökünler bilen gurplandyrmak, ýuwuş suwuny tutmak işleri alnyp barylýar. Ekiş möwsüminde işlediljek oba hojalyk tehnikalaryny we gurallary abatlamak, pagtaçy kärendeçileri gowaça tohumy bilen üpjün etmek boýunça degişli işler ýerine ýetirilýär. Welaýatlarda 2024-nji ýylda gallanyň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek maksady bilen, bugdaý ekilen meýdanlarda ideg işleri dowam edýär. Sebitlerde ekilmegi meýilleşdirilýän ýazlyk ýeralmanyň we beýleki gök-bakja ekinleriniň meýdanlaryny, olaryň tohumlaryny möwsüme taýýarlamak boýunça zerur işler alnyp barylýar. Welaýatlaryň ekerançylyk meýdanlarynyň daş-töwereklerinde, suwaryş, şor suw akabalarynda arassaçylyk işleri geçirilýär.

Häkimler gyş paslynyň dowam edýän günlerinde welaýatyň çägindäki ýaşaýyş jaýlarynyň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň, beýleki medeni-durmuş maksatly binalaryň ýyladyş ulgamlaryny kadaly işletmek, ilaty elektrik energiýasy, tebigy gaz, agyz suwy bilen bökdençsiz üpjün etmek ugrunda ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, oba hojalyk ekinleriniň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek boýunça öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň möhümdigini belledi we şu ýylyň hasyly üçin gowaça ekiljek meýdanlaryň, pagta öndürijiler üçin welaýatyň toprak-howa şertlerine laýyk gelýän ýokary hilli gowaça tohumlarynyň möwsüme taýýar edilmegini, ak ekin meýdanlaryndaky ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda geçirilmegini, ýeralmanyň we beýleki gök-bakja ekinleriniň ekişine talabalaýyk taýýarlyk görülmegini üpjün etmegi häkimlere tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasary T.Atahallyýew ýurdumyzda alnyp barylýan möwsümleýin oba hojalyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, hormatly Prezidentimiziň Diýarymyzda bugdaýyň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek babatda öňde goýan wezipelerinden ugur alnyp, welaýatlaryň bugdaý ekilen meýdanlarynda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda degişli ideg işleri ýerine ýetirilýär. Gowaça ekiljek meýdanlary ekiş möwsümine taýýarlamak maksady bilen, ýerlerde sürüm, tekizleýiş, geriş, çil çekmek işleri dowam edýär. Pagta öndürijileri ýokary hilli gowaça tohumlary bilen üpjün etmek üçin tohumlyk gowaça çigitleri taýýarlanylýar, ýazky ekişde ulanyljak ähli oba hojalyk tehnikalary we gurallar abatlanylyp, möwsüme taýýar edilýär. Şeýle hem wise-premýer ýurdumyzyň welaýatlarynda ýeralmanyň, beýleki gök-bakja ekinleriniň ýazky ekişine görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirki wagtda dowam edýän oba hojalyk işleriniň bellenen möhletlerde we ýokary hilli ýerine ýetirilmeginiň esasy wezipe bolup durýandygyny belledi hem-de ýurdumyzyň ak ekin meýdanlaryndaky ideg işleriniň agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda alnyp barylmagyny, gowaça ekiljek meýdanlaryň, ýokary hilli gowaça tohumlarynyň, oba hojalyk tehnikalarynyň we gurallaryň ýazky ekiş möwsümine taýýar edilmegini, ýeralma, beýleki gök-bakja ekinleriniň ekişine talabalaýyk taýýarlyk görülmegini berk gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz welaýatlaryň häkimlerine ýüzlenip, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça kabul edilen maksatnamalarda şu ýyl üçin göz öňünde tutulan wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň möhüm talap bolup durýandygyny belledi we bu ugurda ýerine ýetirilmeli işler babatda birnäçe görkezmeleri berdi. Mundan başga-da, hormatly Prezidentimiz welaýatlardaky medeni-durmuş maksatly binalardaky ýyladyş ulgamlarynyň kadaly işledilmegini, ilatyň elektrik energiýasy, tebigy gaz, agyz suwy bilen bökdençsiz üpjün edilmegini gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

# ASYLLY IŞLER MYNASYP DOWAM ETDIRILÝÄR

***31-nji ýanwarda türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň tabşyrygy boýunça paýtagtymyzdaky Maslahat köşgünde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Ýaşulular geňeşiniň hem-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň mejlisi geçirildi.***



Gahryman Arkadagymyz 27-nji ýanwarda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň wise-prezidenti R.Bazarowyň hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanynyň iş dolandyryjysy K.Babaýewiň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Mejlisiň dowamynda hajy Arkadagymyz häzirki wagtda ägirt uly durmuş tejribesi bolan ýaşulularyň halkymyzyň, hususan-da, ýaşlaryň arasynda wagyz-nesihat işlerini yzygiderli geçirýändiklerini belledi. Şunuň bilen birlikde, ýaşlaryň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösüşini üpjün etmäge gönükdirilen asylly işleri, ýurdumyzda alnyp barylýan taryhy ähmiýetli işleriň manyny-mazmunyny, ýurdumyzy ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlaryny wagyz-nesihat etmekde Ýaşulular geňeşiniň alyp barýan asylly işleriniň wajypdygy aýdyldy.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Ýaşulular geňeşiniň hem-de Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň täze agzalygyna kabul etmek mejlisde ara alnyp maslahatlaşylan meseleleriň biri boldy. Bu mesele boýunça çykyş edenler halk arasynda uly hormatdan peýdalanýan, il sylagly ýaşuly A.Myradowy agzalyga hödürläp, onuň asylly şahsy häsiýetleri, guramaçylyk we beýleki başarnyklary barada bellediler.

Ýaşulular geňeşine kabul edilen täze agza Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi üçin öňde goýlan belent maksatlaryň netijeli durmuşa geçirilmegi ugrunda yhlasyny, bilimini, tejribesini gaýgyrmajakdygyna ynandyrdy.

Mejlisiň barşynda hormatly Prezidentimiziň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabyny halkyň, hususan-da ýaşlaryň arasynda wagyz etmekde ýaşulularyň alyp barýan işleri bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy. ■ 2

# WATANSÖÝÜJILIK WE YNSANPERWERLIK ÝÖRELGELERI

***31-nji ýanwarda Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý milli jemgyýetiniň (TGÝMJ) merkezi edarasynyň mejlisler zalynda utgaşykly görnüşde «Watansöýüjilik we ynsanperwerlik ýörelgeleri» ady bilen wagyz-nesihat çäresi geçirildi. Oňa TGÝMJ-niň, Birleşen Milletler Guramasynyň Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary komissarynyň müdirliginiň Merkezi Aziýa boýunça wekilhanasynyň, Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň halkara federasiýasynyň, Halkara Gyzyl Haç komitetiniň Türkmenistandaky wekilleri gatnaşdylar.***



1926-njy ýylda esaslandyrylan Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý milli jemgyýeti Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý jemgyýetleriniň halkara hereketinde ýurdumyza wekilçilik edýär. TGÝMJ iň irki ynsanperwer jemgyýetçilik guramalarynyň biri bolmak bilen, döwletimizde durmuşa geçirilýän durmuş-ykdysady özgertmelere, hususan-da, raýatlaryň durmuş goraglylygyny üpjün etmek, ilatyň saglygyny goramak, ýaş nesilleri ata-babalarymyzyň ýagşylyk, duýgudaşlyk, ýakynlaryňa hemaýat etmek ýaly asylly ýörelgeleri esasynda terbiýelemek ýaly ugurlarda alnyp barylýan işlere işjeň gatnaşýar.

Çärede iri halkara guramalar, ilkinji nobatda, BMG-niň düzümleri bilen ýola goýlan hyzmatdaşlygyň giň ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Bu guramalar bilen alnyp barylýan bilelikdäki işler Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý milli jemgyýetiniň işgärleriniň we meýletinçileriniň bilim derejesini ýokarlandyrmakda bar bolan mümkinçilikleri has-da artdyrmaga ýardam edýär.

Türkmenistanyň demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolmak bilen, ählumumy gün tertibiniň möhüm meseleleriniň çözülmegine, şol sanda ynsanperwer ýörelgeleriň, gymmatlyklaryň berkarar edilmegine gönükdirilen başlangyçlary öňe sürýändigine aýratyn üns çekildi. Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyz adam hukuklaryny, bähbitlerini goramagy döwlet syýasatynyň esasy ugurlary hökmünde yglan edip hem-de halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutup, degişli resminamalary berjaý etmek boýunça öz üstüne alan borçnamalaryna yzygiderli eýerýär. Şunuň bilen baglylykda, milli jemgyýetiň alyp barýan işiniň Gyzyl Haç we Gyzyl Ýarymaý halkara hereketiniň ynsanperwerlik, özygtyýarlylyk, meýletinlik ýaly esasy ýörelgelerine laýyk gelýändigi bellenildi.

Degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen hyzmatdaşlyk etmegiň çäklerinde göz öňünde tutulan meýilnamalar barada hem durlup geçildi. Bu meýilnamalar toplanan bilimleri alyşmagy, iş maslahatlaryny guramagy, okuw çärelerini geçirmegi maksat edinýär. Şeýle-de, «Türkmenistanda halkara ynsanperwer hukugyny ornaşdyrmak boýunça 2024–2026-njy ýyllar üçin çäreleriň meýilnamasy» ara alnyp maslahatlaşyldy.

Şeýle hem çykyşlarda Halkara Migrasiýa Guramasynyň hemişelik agzasy hökmünde Türkmenistanyň bu ugurda taslamalarydyr maksatnamalary durmuşa geçirmek bilen, dünýä jemgyýetçiliginiň tagallalaryna uly goşant goşýandygy nygtaldy. Ýurdumyz BMG-niň esasy halkara hukuk resminamalaryna goşulyp, öz üstüne alan borçnamalaryna ygrarlydygyny iş ýüzünde tassyklaýar. Şol resminamalaryň hatarynda Bosgunlaryň derejesi hakynda, Apatridleriň derejesi hakynda, Raýatsyzlygy azaltmak hakynda Konwensiýalar bar. Şeýle-de, ýurdumyzda raýatlygy bolmadyk adamlara raýatlyk bermek we ýaşamak üçin ygtyýarnama bermek babatda uly işler alnyp barylýar.

Çäräniň dowamynda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny ýurdumyzda hem-de daşary döwletlerde giňden bellemek bilen baglanyşykly meselelere-de garaldy.
















# Norweg gaznasy girdejisini artdyrdy

**Dünýäniň iň uly maýa goýum gaznalarynyň biri hasaplanýan Norwegiýanyň döwlet pensiýa gaznasy geçen ýyl rekord derejede girdeji gazandy. Gaznanyň uly girdeji gazanmagyna tehnologiýa paýnamalarynyň täsiri ýokary bolupdyr. Şeýlelikde, gazna jemi 2,22 trillion norweg kronasy (213 milliard amerikan dollar) peýda gazanypdyr. Gaznanyň maýa goýumdan alan girdejisi ýylyň dowamynda 16,1 göterim ýokarlanypdyr. 2022-nji ýylda gazna ýokary hümmetsizlenme sebäpli 164,4 milliard dollar zyýan çekipdir. Gaznanyň ýolbaşçysy Nikolaý Tangen hümmetsizlenmäge hem-de geosyýasy çylşyrymly ýagdaýlara garamazdan, 2023-nji ýylda paýnama bazarynyň ösendigini, esasan hem, tehnologiýa paýnamalarynyň gowy netije görkezendigini belledi.**



**Umumy möçberi 1,6 trillion dollar bolan gaznanyň dünýäniň 70 ýurdunda 8 müň 500-den gowrak kompaniýada paýnamasy bar.**

**Banu ATABEKOWA,**
***Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.***

# ASYLLY IŞLER MYNASYP DOWAM ETDIRILÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Soňra mejlise gatnaşyjylar 2024-nji ýylyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly şygarynyň jemgyýetçilik-syýasy ähmiýetini we çuňňur many-mazmunyny halkyň arasynda wagyz etmek boýunça ýaşulularyň alyp barýan işleri bilen baglanyşykly meselelere garadylar. Çykyş edenleriň belleýşi ýaly, ýurdumyzda Gahryman hajy Arkadagymyzyň asylly başlangyçlaryndan gözbaş alýan medeni syýasat hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şonuň netijesinde akyldar şahyr we filosof Magtymguly Pyragynyň döredijiligi Türkmenistanda bolşy ýaly, daşary ýurtlarda-da ylmy esasda hemmetaraplaýyn öwrenilýär. Çykyşlarda döwlet Baştutanymyzyň maksatnamalaýyn özgertmelerinden badalga alan häzirki taryhy döwrüň birnäçe möhüm wakalar bilen dabaralanýandygy nygtaldy. Şolaryň hatarynda 2024-nji ýylyň TÜRKSOÝ tarapyndan «Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly» diýlip yglan edilmegi, Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumynyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilmegi, şahyryň 300 ýyllygynyň ÝUNESKO bilen bilelikde belleniljek şanly seneleriň sanawyna goşulmagy aýratyn üns çekilmäge mynasypdyr. Çykyş edenler geçirilýän ähli çäreleriň we meýilleşdirilen ýubileý dabaralarynyň dünýä jemgyýetçiliginiň Magtymguly Pyragynyň döredijiligi bilen has giňişleýin tanyşmagyna, şahyryň zehinini açyp görkezmäge, ynsanperwer dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmaga, halklaryň arasyndaky özara düşünişmegi berkitmäge gönükdirilendigini bellediler.



Şeýle hem Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanyndaky Ýaşulular geňeşiniň işine aýratyn üns çekildi. Hormatly ýaşulularyň ynsanperwer ýörelgelere ygrarlylykdan ugur almalydyklary, howandarlyga mätäçlere goldaw bermäge taýyn bolmalydyklary, ata-enesiniň howandarlygyndan galan çagalary üns-alada bilen gurşap almalydyklary bellenildi.

Haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna paýtagtymyzdaky we ýurdumyzyň welaýatlaryndaky lukmançylyk merkezlerinde howandarlyga mätäç çagalara dürli operasiýalar geçirilýär, bejergi işleriniň tölegleri tölenilýär, çagalar öýlerinde, ýöriteleşdirilen mekdeplerde we mekdep-internatlarda terbiýelenýän, bilim alýan ýaş türkmenistanlylar üçin saglygy goraýyş maksatly serişdeler yzygiderli satyn alynýar. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň goldawy hem-de atalyk aladalary esasynda mümkinçiligi çäkli çagalaryň saglygyny dikeltmek, olaryň sazlaşykly ösüşini üpjün etmek, saglyklaryny berkitmek ugrunda ähli zerur şertler döredilýär.

Gaznanyň halkara derejede alyp barýan ynsanperwer çäreleri dostlukly döwletler tarapyndan giňden goldanylýar we bu ýurtlarda gaznanyň haýyr-sahawat işlerine gyzyklanma artýar. 2023-nji ýylda Türkiýäniň, Ukrainanyň, Russiýanyň, Owganystanyň we Palestinanyň çagalaryna ynsanperwerlik kömeginiň ugradylmagy Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň durmuşa geçirýän ynsanperwer başlangyçlarynyň aýdyň netijeleridir.

# KÄMILLIGIŇ AÝDYŇ ÝOLY

Ynsan ömründe ýatdan çykmajak bagtly günler, şatlykly pursatlar köp bolýar. Şol pursatlary ýatlanyňda ömrüňe ömür goşulýan ýaly täzeden ruhlanyp öz edýän işiňe, durmuşyňa bolan söýgiň, hyjuwyň artýar. Ajaýyp netijeleri bilen jemlenen Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň tamamlanyp barýan günlerinde Arkadagly Gahryman Serdarymyz özüniň «Ýaşlar – Watanyň daýanjy» atly kitabyny halkymyza sowgat eden güni türkmen ýaşlarynyň durmuşynda ýatdan çykmajak günleriň biri boldy. Çünki hormatly Prezidentimiziň ilkinji kitabynyň kalby ylham ganatly bagtyýar ýaşlara bagyşlanmagy, biziň her birimizi täze üstünliklere, beýik ýeňişlere ruhlandyrýar. Gazanylan üstünlikleriň, ýetilen belent sepgitleriň aýdyň beýanyny özünde jemleýän bu gymmatly kitap watansöýüji, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmekde aýratyn ähmiýete eýedir. Pähim-paýhasa, uly ynama ýugrulan bu kitapda Watanymyzyň daýanjy, nurly ertirlere maksat tutan türkmen ýaşlarynyň dürli ugurlardaky gazanan üstünlikleri, ýaş nesiller, şol sanda çagalar hakynda edilýän taýsyz tagallalar aýdyňlygy bilen açylyp görkezilýär. Kitapdaky bäbegini gujagyna alyp, bagtdan doly gözleri bilen perzendine guwanyp oturan ýaş enäniň, durmuşymyzyň gül-gunçalary hasaplanýan şadyýanja çagajyklarymyzyň, bagtyýar talyp ýaşlarymyzyň bagtly pursatlaryny görkezýän dürli suratlary synlanyňda kalbyň ganatlanýar. Halkara derejesinde geçirilen bäsleşiklerde, ýaryşlarda ýaşlarymyzyň gazanan üstünlikleri bilen atlarynyň hem şu kitapda görkezilmegi bütin maşgalasynyň, ata-enesiniň ýüreklerinde ata Watanymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan ynsanperwer işlerine hormat-sarpany, egsilmejek söýgini artdyrýar.

Halkymyzyň mukaddeslik derejesinde eý görýän eziz zatlary bar. Şol gymmatlyklaryň hormaty şu günlerde-de öz sarpasyny ýitirenok. Bu kitapda ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilen milli gymmatlyklarymyzyň ýerleşdirilmegi il-gününi, halkyny jandan söýýän hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda amala aşyrýan belent tutumly işlerine buýsanjyňy artdyrýar. Şeýle-de, özüniň el hünäri, beýik adamkärçiligi, sypaýylygy, mähribanlygy bilen bagtyýar zenanlara nusgalyk ene bolan, halkymyzyň kalbynda müdimi ýaşaýan, Gahryman Arkadagymyzyň käbesi Ogulabat ejemiziň ören alajasynyň, bejeren kürtesiniň hem-de hormatly Prezidentimiziň mähriban käbesi, Türkmenistanyň at gazanan halyçysy Ogulgerek Berdimuhamedowanyň Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýinde dokan nepis halysynyň we iş guralynyň ýanynda öz agtyjaklary bilen düşen suratynyň ýerleşdirilmegi kitabyň gymmatyny has-da artdyrýar.

Bu kitapda Gahryman Arkadagymyzyň we peder ýoluny mynasyp dowam edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň aladalarynyň netijesinde, eziz Diýarymyzda çaganyň dünýä inen gününden başlap, döwletimiziň ýaş raýatlarynyň uly üns bilen gurşalyp alynýandygy bellenilýär. Türkmen ýaşlarynyň gazanan üstünlikleriniň waspnamasy bolan bu kitabyň her jümlesi ýaşlaryň işlerinde gymmatly gollanmadyr.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz türkmen ýaşlarynyň ýaşaýyş-durmuşyna, ähli ugurlarda gazanan üstünliklerine bagyşlap ýazan bu çuňňur many-mazmunly eserinde: «Men «Watan we halk» diýen mukaddes sözleriň ýurdumyzyň ýaşlarynyň durmuş şygaryna öwrüljekdigine, olaryň ata-ene we il-ýurt öňündäki mukaddes borjuny berjaý edip, mynasyp adamlar bolup ýetişjekdiklerine, ata Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda jan aýaman zähmet çekjekdiklerine pugta ynanýaryn» diýip belleýär. Gadymy Gündogarda ýörgünli bolan «Bir ýylyň aladasyny etseňiz, däne ekiň, on ýylyň aladasyny etseňiz, daragt ýetişdiriň. Ýüz ýylyň, müň ýylyň aladasyny etseňiz, nesil ýetişdiriň» diýen parasatly sözlerinde görnüşi ýaly nesil ömrüň dowamaty, beýik geljegiň bagty. Şu günki ýaş nesiller – ertiriň hamyrmaýasy, Watanymyzyň bagtyýar geljeginiň eýeleridir. «Ýaşlar biziň geljegimizdir, ýaşlar biziň başyny başlan işlerimizi mynasyp dowam etdirijilerdir» diýip, türkmen ýaşlaryna uly ynam bildirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýaşlary ýaşaýşyň baýdagyna deňeýär. Bu bolsa biziň has joşgunly zähmet çekmegimize, ýurdumyzy ösüşleriň ak ýolundan öňe alyp gitmegimize ruhlandyrýar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu eserindäki «Ynsanyň abraý-mertebesi, gadyr-gymmaty zähmeti bilen kesgitlenýär. Beýik maksatlara ýetmek üçin her bir ýaş ynsan zähmeti baýdak edinmelidir» diýen sözlerinden ugur alyp, ýaşlar merdana pederlerimiziň watansöýüjilik, mertlik, gaýduwsyzlyk, ruhubelentlik, zähmetsöýerlik ýaly ýol-ýörelgelerine eýerip, Watanymyzyň ösüşlerine mynasyp goşant goşýarlar. Watanymyzyň asudalygy, döwrümiziň bagtyýarlygy, zamanamyzyň belent bady biziň güýjümize güýç goşýar. Halkymyzy şeýle döwletli-döwranda, bagtyýar durmuşda ýaşadýan hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, alyp barýan işleri diňe rowaçlyklara beslensin.



**Aýnabat ANNAGURBANOWA,**
*Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Mary şäher komitetiniň esasy hünärmeni.*

# Üçünji uly ykdysadyýet bolar

Hindistanyň Maliýe ministrligi 2024-nji ýylda ýurtda 7 göterimden ýokary ykdysady ösüşe garaşylýandygyny mälim etdi. Ministrlik 2027-nji ýyla çenli ýurduň jemi içerki önüminiň 5 trillion dollara ýetip, dünýäniň üçünji ykdysadyýeti boljakdygyny belledi. Hindistanda maliýe ýyly 1-nji aprelde başlap, geljek ýylyň 31-nji martyna çenli dowam edýär. Şu ýylky maliýe ýylynda göz öňünde tutulan ösüşe ýetilen ýagdaýynda ýurduň ykdysadyýeti yzly-yzyna üçünji gezek 7 göterim ösüş gazanar. Ýurduň umumy jemi içerki önümi häzirki wagtda 3,7 trillion dollar töweregi. Geljek ýylda hem ykdysady ösüşiň 7 göterime golaý bolmagyna garaşylýar. «Goldman Sachs» maliýe edarasynyň çaklamasyna görä, Hindistan 2075-nji ýyla çenli diňe Ýaponiýadan we Germaniýadan däl, eýsem, ABŞ-dan hem öňe geçip, dünýäde ykdysady taýdan ikinji uly ýurt bolar.



Häzirki wagtda Hindistan ABŞ-dan, Hytaýdan, Ýaponiýadan we Germaniýadan soňra dünýäniň ykdysady taýdan iň uly bäşinji ýurdy hasaplanýar.

Ýeri gelende bellesek, geçen ýyl Hindistan ilat sany babatda Hytaýdan öňe geçip, dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolupdy.

**Näzik HUDAÝBERDIÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallym-öwrenijisi.*

# Dünýä ykdysadyýeti 3 göterimden köp öser

Halkara Pul Gaznasy (HPG) dünýä ykdysadyýetiniň ösüşine syn berýän täze maglumatnama taýýarlady. Maliýe edarasy 2024-nji ýylda global ykdysadyýetiň ösüşiniň ozal çak edilişinden has ýokary boljakdygyny belledi. Maglumatda dünýä ýurtlarynyň ortaça ykdysady ösüşiniň geçen ýyl 3,1 göterim bolandygy, şu ýyl hem şonçarak ösüşe garaşylýandygy bellenildi. Ösüş tizligi geljek ýyl 3,2 göterim bolar. Halkara maliýe edarasy geçen ýylyň oktýabr aýynda ýaýradan maglumatynda dünýä ykdysadyýetiniň 2024-nji ýylda 2,9 göterim, 2025-nji ýylda 3,2 göterim ösjekdigini çaklapdy. Maglumatda bellenilişi ýaly, şu ýyl ABŞ-da we beýleki ösüp barýan käbir ýurtlarda ösüşiň ýokary bolmagy hem-de Hytaýda maliýe goldawynyň berilmegi ösüş çaklamasyny ýokarlandyrmaga esas bolupdyr. Maglumatda ABŞ-nyň ykdysadyýetiniň ösüş çaklamasy 1,5 göterimden 2,1 göterime çykarylypdyr. 2025-nji ýyl üçin bolsa 1,8 göterimden 1,7 göterime ýetirilipdir.



Ýewro Sebitinde bolsa ösüşiň 2024-nji ýylda 0,9 göterim, geljek ýyl 1,7 göterim ösjekdigi çaklanylýar. Mundan ozalky maglumatda bu görkezijiler has ýokarydy – degişlilikde, 1,2 hem-de 1,8 göterim. Ýewropanyň iň uly eksportçy ýurdy bolan Germaniýanyň şu ýylky ösüşi 0,9 göterimden 0,5 göterime, geljek ýylky ösüşi 2 göterimden 1,6 göterime düşürilipdir. Maglumatda Fransiýanyň we Ispaniýanyň hem ykdysady ösüşiniň ozalky çak edilişinden pesräk boljakdygy bellenilýär. Hytaýyň ykdysady ösüşiniň bolsa, 4,2 göterimden 4,6 göterime ýetirilendigi, geljek ýyl 4,1 göterim ösjekdigi bellenildi.

**Rahat KERIMGELDIÝEW,**
*Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň mugallymy.*

# AŞTU onlaýn tölegi kämilleşdirdi

«Aşgabat şäher telefon ulgamy» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti aragatnaşyk hyzmatlary üçin ýörite PIN-belgini ulanmazdan tölegleri oňaýly hem-de howpsuz geçirmäge mümkinçilik berýän «eKassa» mobil goşundysyny ulanyşa girizdi.



Esasan hem, «eKassa» ykjam goşundysy bilen «Altyn Asyr» kart ulgamy arkaly ulanýan müşderiler üçin töleg etmek has ýeňilleşdirildi. Müşderiler mundan beýläk kart belgilerini girizip öz kartlaryny goşup bilerler. Şeýle hem AŞTU hyzmatlaryndan peýdalanýanlar, ýagny CDMA (20-lik), öý telefony, internet we IPTV hyzmatlarynyň tölegleri ýeňillik bilen amala aşyrarlar.

Mobil goşundyny «Google Play» hem-de «App Store» internet dükanlaryndan ýükläp alyp bilersiňiz.

**GPON TEHNOLOGIÝASY ORNAŞDYRYLÝAR**

Ýurdumyzyň aragatnaşyk ulgamyny ösdürmek boýunça durmuşa geçirilýän birnäçe taslamalaryň çäklerinde Aşgabat şäheriniň telekommunikasiýa infrastrukturasyny düýpgöter özgertmek, maddy-enjamlaýyn binýadyny kämilleşdirmek işleri alnyp barylýar.

Bu babatda «Aşgabat şäher telefon ulgamy» ÝGPJ Aşgabadyň ýaşaýjylaryna we edara-kärhanalaryna häzirki zaman GPON (Gigabit passive optical network) tehnologiýasyny ulanmak arkaly aragatnaşyk hyzmatlaryny ýokary hil derejesinde amala aşyrmagyny dowam edýär.

Maglumatlary geçirmek üçin ulag gurşawy hökmünde optiki-süýümli kabelleri hemmetaraplaýyn ulanmak häzirki wagtda iň amatly usul bolup, müşderiler tarapyndan göwrüme we ýokary maglumat geçiriş tizligine barha artýan islegleri kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýär. Müşderilere telefon aragatnaşygy, internet we IPTV hyzmatlaryny amala aşyrmakda GPON tehnologiýasynyň ulanylmagy her bir öýe sekuntda 100 megabaýt tizlikli internet hyzmatyny hödürlemäge mümkinçilik döredýär.

**Merjen DURDYÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# Azyk galyndylary gaýtadan peýdalanylar

**Fransiýada ýaşaýjylaryň azyk we ösümlik galyndylaryny kompost etmegi hökmany edildi. Bu kompost himiki döküniň deregine ulanylar ýa-da biogaz önümçiliginde peýdalanylar. Täze kanuna görä, ýerli häkimiýetler miwedir gök önümleriň gabyklary ýaly zyňyndylary we ulanyş möhleti tamamlanan azyk önümlerini ýygnamaga borçly edildi. Şeýle hem organik zyňyndylary ýygnamak üçin ýerli häkimiýetler ýaşaýjylara plastik torbalary paýlarlar ýa-da olary ýygnamak üçin belli nokatlar döréderler. Soňra bolsa olar ýygnalyp, dökün ýa-da biogaz öndüriler. Hasaplamalara görä, ýurtda jan başyna ýylda 82 kilogram biologik zyňyndy emele gelýär.**



# Kosmosda ýangyç bekedi gurlar

«Orbit Fab» hem-de «ClearSpace» atly kompaniýalar atmosferanyň daşynda Ýeriň orbitasynda ýangyç bekedini gurmak üçin taslama taýýarlaýar. Bu iki kompaniýa Birleşen Patyşalyk tarapyndan maliýeleşdirilýän Kosmos zibilini işjeň aýyrmak (ADR) atly taslamanyň çäklerinde guruljak beket kosmosda alnyp barylýan işleri ep-esli ýeňilleşdirer. «Orbit Fab»-yň ýolbaşçysy Daniýel Faber müşderileriniň kosmos bekedinden ýangyç satyn alyp biljekdiklerini we bu ýangyjyň «ClearSpace» kompaniýasy tarapyndan müşderä eltilip beriljekdigini aýtdy. Şeýle hem Faber kosmosa ýangyç daşamak üçin raketa işläp taýýarlajakdyklaryny, geljek iki ýylda ýangyç platformasyny orbita çykarjakdyklaryny belledi.



Şweýsar kompaniýasy bolan «Orbit Fab» häzirki wagtda awtomat usulda kosmos beketlerine birigýän ýangyç guýujy enjamlary öndürýär. «ClearSpace» kompaniýasy bolsa, kosmos zibillerini (ulanyşdan galan ululy-kiçili dürli enjamlaryň galyndylary) arassalamakda gazanan tejribesini täze taslamada peýdalanar.

# «Honda Accord» öňdeligi eýeledi

Awtoulaglaryň bahalarynyň amatlylygy barada aýdylanda, ilki bilen «Toyota» ýadyňa düşýär. Şeýle-de bolsa, 2024-nji ýylda baha-hil ölçegi boýunça iň gowy awtoulaglar dünýäde iň köp satylan «Camry» ýa-da «Corolla» däl-de, eýsem, başga bir meşhur ýapon markasynyň önümleri boldy. «U.S.News and World Report» neşiri tarapyndan taýýarlanan, öz bahasyna degýän iň gowy awtoulaglaryň sanawynda birinji orna «Honda Accord» eýe boldy. Sanawyň ikinji basgançagyna «Toyota Camry», üçünji orna «Kia K5» ýerleşdi. «Honda» brendiniň ýene bir modeli – «Civic», şeýle hem «Toyota Corolla» we «Hyundai Elantra» öňdebaryjylaryň altylygyna girdiler. Täsin ýeri, amerikan bazarynda «Honda»-nyň awtoulaglary «Toyota» kompaniýasynyň ulaglaryndan has gymmatdyr. Şeýle-de bolsa, baha-hil gatnaşygy deňeşdirilip taýýarlanylýandygy sebäpli ulaglaryň sanawdaky orunlary başgaçarak bolýar.



**Hatyja ORAZOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# Dünýäniň iň gowy desgalary

«National Geographic» žurnaly gezelenç etmek üçin dünýäniň iň gowy ýerlerini saýlady. «Best of the World» atly sanawa jemi 20 ýer girizilipdir. Sanawda dünýäniň dürli ýerlerinden – Ýewropadan, Afrikadan, Aziýadan, Amerikadan we Okeaniýadan muzeýler, sungat merkezleri, seýilgähler we beýleki ýerler bar. Neşiriň dünýäniň dürli ýerlerinde zähmet çekýän redaktorlary, ýazyjylary we suratçylary gidip göreniňe degýän merkezleri saýlandyklaryny belleýärler. Olaryň arasynda Marokkodan, Mongoliýadan, Nýu-Orleandan, Täze Zelandiýadan dürli desgalar bar. Jahankeşdeler bu ýerlere gezelenç edenlerinde, dürli däp-dessurlar, taryhy ýadygärlikler, eserler bilen tanyşmaga mümkinçilik alarlar. Sanawda belli bir tertip bilen däl-de, her yklymdaky ýerler aýratynlykda görkezilipdir.



Olaryň arasynda Waşingtondaky Foljeriň Şekspir kitaphanasy, Grenadada, Karib deňzindäki Molinere suwasty heýkel seýilgähi, Mongoliýadaky Çingiz han muzeýi, Londondaky Battersi seýilgähi bar. Şeýle hem Stambuldaky «Modern» muzeýi, Kanadanyň Ontario şäherindäki Kanoe muzeýi, Ispaniýanyň Madrid şäherindäki Patyşalyk kolleksiýasy galereýasy, Hindistanyň Bangalor şäherindäki Sungat we fotografiýa muzeýi we Hytaýyň Guançžou şäherindäki Sungat muzeýi bar. Sanawa desgalardan başga-da şäherleriň, adalaryň we syýahatçylyk ugurlarynyň atlary hem girizilipdir.

**Maral AMANOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# Iň uly öndürijisi bolmagyny dowam etdirdi

**Birnäçe ýyldan bäri dünýäniň iň köp ulag öndürýän kompaniýasy bolan «Toyota Motor» geçen ýyl hem bu adyny saklap galdy. Ýapon kompaniýasy 2023-nji ýylda jemi 11,23 million awtoulag satypdyr. Ulag satuwy 2022-nji ýyldakydan 7,2 göterim köp bolupdyr. Şeýlelikde, kompaniýa awtoulag satuwynda öz rekordyny täzeläpdir. Geçen ýyl gibrid modelleriň satuwy 31,4 göterim artyp, 3,42 milliona, elektroulaglaryň sany 4 esseden köp artyp, 104 müň 18-e ýetipdir. Bu satuwa «Toyota»-nyň kiçi göwrümli ulaglary öndürýän «Daihatsu» hem-de ýük ulaglaryny öndürýän «Hino» brendleri hem degişli edilipdir. Kompaniýanyň bu barada ýaýradan beýanatynda iň köp awtoulag satmagy däl-de, howpsuzlygy we hili ileri tutýandyklary bellenildi. Ýaponiýanyň «Kyodo» habarlar agentligi «Volkswagen AG» kompaniýasynyň geçen ýyl 9,24 million awtoulag satandygyny mälim etdi. Şeýlelikde, «Toyota» global satuwda yzly-yzyna dördünji ýyl birinji boldy.**



**Selbinýaz GULAÝEWA,**
***Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.***

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Fewral aýynyň 2-si, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-113325
Belgisi: 5/1571
Tiražy: 9031
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

**BIZIŇ SALGYMYZ:** Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
**Tel/Faks:** 28-14-05, 28-14-36
**web sahypa:** www.zamanturkmenistan.com.tm
**e-poçta:** info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# «Görogly» eposynyň Magtymgula edebi täsiri

2024-nji ýylyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip yglan edilmegi halkymyzyň göwün guşuny ganatlandyrdy. Munuň özi türkmen halkynyň öz milli şahyryna, onuň guşgursak bugdaýyň dok maňyzly dänesi ýaly many-mazmunly, sadadan düşnükli, halky dilde çeper beýan edilen goşgularyna bolan egsilmez söýgüsini aňladýar. Magtymgulynyň goşgulary çeperçiligiň iň ýokary derejesinde bolmak bilen, tema taýdan örän giň we köpgyraňlydyr. Onuň şygyrlarynda bütin Gündogar edebiýatynda meşhur bolan, saýlantgy, uly göwrümli hekaýatlar, rowaýatlar, poemalar, dessanlar, eposlar... sanlyja setirlerde many-mazmun taýdan özenini ýitirmän, halky dilde çeper beýan edilýär. Biz bu söhbedimizde Magtymgulynyň türkmen halk döredijiliginden, hususan-da «Görogly» eposyndan edebi täsirlenendigi hakynda kelam-agyz durup geçmekçi. Bütin Gündogar edebiýatynda meşhur Hoja Nasreddin Ependi Gündogar halklarynyň (türkmen, özbek, gazak, türk, azerbaýjan...) 23-sinde bar bolsa, meşhur «Görogly» eposy halklaryň 27-siniň halk döredijiliginde bar. Biz muny halk eposynyň ýaýrawynyň giňligini aýtmak üçin mysal getirdik. Magtymguly «Görogly» eposyny okapdyr diýip aýtmaga esas bar. Şahyr özüniň goşgy setirlerinde: «Görogly dek dagdan-daga ugrasam» diýip belleýär. Biz hakykatdan hem Göroglynyň ýaşan ýurdunyň daglyk ýurtdugyny, ýagny Çardagly Çandybildigini bilýäris. Çar ýa-da çahar pars dilinde dört diýmek. «Görogly» eposynda Üçgümmez dagy, Ýyldyz dagy, Kuhi-Kap (Kap dagy), Goja dagy, Arzyrum dagy, Ak dag, Gara dag, Balkan dagy, Mejnun dagy... we beýleki daglaryň atlaryna duş gelýäris. Eposda «Balkan degresidir ýurduň Öwez jan» ýaly daglar bilen bagly setirler häli-şindi gabat gelýär.





Magtymguly özüniň «Delalat ýagşy» atly goşgusynda:

*Magtymguly, şükür, şirin til berdi,*
*Şejerler gögerip, semer gül berdi,*
*Görogly Reýhana neneň ýalbardy,*
*«Amandyr» diýene diýanat ýagşy -*

diýip belleýär. Bu ýerde «Görogly» eposynyň «Arap Reýhan» şahasyndaky wakalar göz öňünde tutulýar. Bu şahada Görogly gapyl bolup Arap Reýhanyň goluna ýesir düşýär. Şu ýerde Göroglynyň Arap Reýhana ýüzlenip:

*Serhowuz galdy saýasyz,*
*Öwez jan galdy daýasyz,*
*Çandybil galdy eýesiz,*
*Arap gardaş, aman-aman -*

diýen setirleri bada-bat ýadyňa düşýär.

«Görogly» eposynyň birinji «Göroglynyň döreýşi» şahasynda Jygalybeg ýaňy ýetişip barýan ýetginjek Görogla öwüt-nesihat berip:

*Ýalňyz balam, algyn pendim,*
*Ýurduň terk ediji bolma!*
*Özüňden egsik namardyň*
*Minnetin çekiji bolma! -*

diýen setirler bilen başlanýan meşhur goşgusy bar. Öz gezeginde şu goşgynyň dowamy ýaly bolup görünýän eposyň «Kempir» (käbir nusgalarda «Gyratyň ogurlanyşy») şahasynda Görogly kyrk ýigidine ýüzlenip:

*Bolmaz meniň garamatym,*
*Neýlesin tenha Gyratym,*
*Kyrklar meniň gol-ganatym,*
*Bimahal synguly bolmaň!*

diýip, kyrk ýigidine öwüt-nesihat berýär.

Magtymguly Pyragynyň öz üniň öwüt-nesihat temadaky 32 bentlik meşhur «Gidiji bolma» goşgusy hem şeýle başlanýar.

*Gel, eý, köňlüm saňa nesihat kylaý,*
*Watany terk edip gidiji bolma!*
*Özüňden egsik bir gaýry namardyň*
*Hyzmatynda gulluk ediji bolma!*

«Görogly» eposyndaky we Magtymgulydaky bu goşgularyň birinji bendi meňzeş bolup, goşgynyň soňky bendi şeýle tamamlanýar:

*Magtymguly köňülde köpdür armany,*
*Tapmady akybet derde dermany,*
*Ýetişer bir güni Taňry permany,*
*Ruzy-şeb gaflatda ýatyjy bolma!*

Akyldar şahyr bu goşgusynda durmuşyň dürli ugurlarynda öwüt-nesihat berýär. Magtymguly we Görogly hakyndaky söhbedimizi jemläp aýtsak, Magtymguly «Görogly» eposyndan habarly bolup, ýeri gelende ony öz goşgy setirlerinde gysga, çeper dilde beýan edipdir.

**Güljeren NURGYLYJOWA,**
*Aşgabat şäherindäki Mehanika-tehnologiki orta hünär okuw mekdebiniň direktorynyň orunbasary.*

# ZER GADRYNY ZERGÄR BILER

Sungatyň adamlary birleşdirip bilýän uly güýji bar. Diýmek, beýik sungaty dünýä beren ynsanlar hem şol güýje eýe bolmaly.

Bişkek şäheri... 2023-nji ýylyň dekabr aýy... Sahnadaky gaýnap-joşýan duýgular... Türkmen, gyrgyz, gazak, özbek, burýat, azerbaýjan dillerinde janlanýan keşpler... Mähirden, söýgüden, gahar-gazapdan, alasarmyk duýgulardan kalplary püre-pür gahrymanlaryň hemmesiniň dillerine doly düşünmesem-de, olaryň ýürek sesleri bilen edebiýat arkaly öz ene dilimde öňden tanyşdym. Dürli ykbally ömürleri çöşleýän sahnalardaky



wakalary ýürek bilen yzarlap otyrdym. Her tomaşaçyny ýüpsüz sahna baglap goýan bu gahrymanlar dünýä belli ýazyjy Çingiz Aýtmatowyň eserleriniň şahsyýetleridi. Duýgulardan, pikirlerden püre-pür sahna eserleriniň ýigrimä golaýynyň hemmesi bu ussadyň galamyndan çykan eserlerden düzülendi. Ussat ýazyjynyň doglan gününiň 95 ýyllygy mynasybetli geçirilýän «Aýtmatow we teatr» atly 6-njy Halkara teatr festiwalyna Gyrgyzystan, Russiýa, Türkmenistan, Özbegistan, Azerbaýjan, Gazagystan döwletlerinden bu ýere gelen teatr toparlary Çingiz Aýtmatowyň eserleri esasynda goýlan sahna eserlerinde ussatlyk babatda özara bäsdeşlik edýän ýalydy. Biri beýlekiden düýpgöter tapawutly režissura, artistlik işleri, sahna bezegleri, esere kybap saýlanan sazlar. Dürli çemeleşmeler, dürli nukdaýnazarlar, täzeçillikler... Bularyň hemmesi teatryň şu günki tomaşaçynyň öňünde Aýtmatowyň eserleriniň syrly dünýäsini açmaga synanyşyklardy. Hemmesi hem gyzykly, täsirli, özboluşly... Eserleriň hemmesi diýen ýaly maňa juda yssydy, ýakyndy. Çingiz Aýtmatow diňe bir uly ýazyjy bolman, eýsem, onuň döredijiligi, adamzady öz taryhy hem ykbaly hakynda oýlanmaga mejbur edip, dürli milletleriň wekilidigine garamazdan, umumy gymmatlyklaryň hemmeler üçin şol bir ezizliklerdedigini mese-mälim ýüze çykarýar. Ene toprak, tebigat hem ynsan gatnaşyklary, ynsanyň ynsabynyň öňündäki borjy, perzent terbiýesi, yşk-söýgi... Bu temalar Çingiz Aýtmatowyň eserleriniň süňňüni düzýär. Olar bakylykdan, adamzadyň gymmatlyklaryndan söz açýar. Teatr dünýäsindäki Aýtmatowyň eserleri bolsa, has köpugurly. Onuň gahrymanlarynyň köpüsi geçmişiň agyr labyrynyň astynda galan hem bolsalar, ynsap, ýagty geljek üçin göreşmegi soňky demine çenli başaran ynsanlar...

Bize aýratyn täsir eden zat – Çingiz Aýtmatowyň eserlerindäki zenan keşpler. «Jemiledäki» gaýduwsyz Jemile, «Elwan ýaglykly Serwimdäki» mylaýym Asel, «Ene toprakdaky» pähimli Tolgonaý, «Asyra barabar gündäki» bagry girýan Naýman ene... Her eserinde diýen ýaly, sahna çykanyndan Güneş ýaly ýylylyk hem uly güýç paýlaýan zenan keşpleriň onlarçasy... Bularyň keşplerini synlap, ýazyjynyň zenan dünýäsini açmakdaky ussatlygyna haýran galýarsyň. Munça zenan nädikligini, söýgüsini, gahar-gazabyny, gaýgy-aladalaryny açyp bilen ýazyjynyň ynsan kalplarynyň hiç birine-de biparh bolmanlygyna ynanýarsyň. Aňymdaky bolýan seljermelere gaplanyp, sahnalary synlap oturşyma, adamlaryň begenji, gynanjy, söýgüsi, hasraty hakynda şunça täsirli eserleri adamzada goýup giden Çingiz Aýtmatowa, bu beýik ussadyny dünýä beren gyrgyz halkyna gitdigiçe hormatym artýardy. Içimdäki duýgular, bir golaýlyk ruhy ýakynlykdan habar berýän ýalydy. Birden, bir pikir gelip, aňyma ýyldyrym çaltlygynda ornaşdy: «Aslynda, Çingiz Aýtmatowyň özi türkmen halkyna, türkmen sungatyna biçak uly hormat goýupdy ahyry!» Gahryman Arkadagymyzyň paýhasyndan dörän «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» kitabynda ýerleşdirilen jümleler ýadyma düşdi:

«Elbetde, «Şükür bagşy» filminiň şeýle ussatlyk gazanmagynda genial türkmen kompozitory Nury Halmämmedowyň bitiren hyzmaty ägirt uludyr. Orta Aziýa



Respublikalarynyň we Gazagystanyň kinofestiwalynda bu filmiň sazy üçin berlen ýörite baýragy gowşurylanda, Çingiz Aýtmatow Nurynyň sazyny «durmuşyň öz beren sazy» diýip atlandyrdy. Biziň ýaş kompozitorymyz bolsa, bu sözlere jogap hökmünde: «Bu sazy ýazmaga maňa halkymyň taryhy kömek berdi. Bu saz hakyky halk sazydyr. Şoňa görä-de, meniň ýerine ýetiren işime şeýle ýokary baha berilmegini türkmen sazynyň ykrar edilmegi diýip kabul edýärin» diýýär. Bu sözler türkmen halkynyň «Zer gadryny zergär biler» diýen pähiminiň ýene-de bir gezek aýdyň ýüze çykmasydyr».

Gahryman Arkadagymyzyň sungatsöýer kalbyndan çykan bu sözleri her bir adama ruhy kuwwat berýär, buýsandyrýar. Beýik ynsanlaryň hemmesiniň häsiýetleri meňzeş – adam hakyndaky alada, olaryň ýagşy işlerini dünýä ýaýmak. Bu babatda Çingiz Aýtmatowyň akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiligine beren bahasy has-da guwandyryjy: «Magtymguly – bütindünýä poeziýasynyň genji-hazynasyna giren şahsyýet, goşgy bilen gürlän akyldar».

Hawa, «Zer gadryny zergär biler». Aslynda, Magtymguly Pyragynyň döredijiligi bilen içgin tanyş Çingiz Aýtmatow şahyryň 1989-njy ýylda rus şahyry hem terjimeçisi Arseniý Tarkowskiý tarapyndan rus diline terjime edilen goşgulary ýerleşdirilen kitabyna sözbaşy ýazypdy. Magtymgulyny çuňňur öwrenen ýazyjy akyldar şahyrymyz barada ajaýyp sözleri ýazmak bilen bütin türkmen halkyna uly sarpa goýýandygyny subut etdi: «Magtymgulynyň sözleriniň biziň günlerimize gelip ýetmeginde, türkmen halkynyň uly edermenligi bar». Öz akyldar şahyrynyň goşgularynyň köpüsini türkmenleriň ýatdan bilýändigini Çingiz Aýtmatow haýran galyjylyk bilen belläp geçýär: «Ykbalyň emri bilen, türkmen topragynda türkmen edebiýatynyň ägirdi orta çykyp, Merkezi Aziýada belentlige göterildi, onuň şöhlesi bolsa, bize – goňşy doganlyk halklara çaýyldy. Şu nukdaýnazardan, Türküstanda XVIII asyr – Magtymgulynyň şygryýetiniň asyrydyr».

Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde esasy gahryman – ynsan. Ynsaplylyk, islendik ýagdaýda hem ynsanlyk mertebäňi saklamak, ahlak arassalygy... Pyragynyň döredijiligindäki bu gymmatlyklar özboluşlylygy bilen Çingiz Aýtmatowyň eserlerinde hem gabat gelýär. Magtymguly Pyragynyň goşgularyndaky çynlakaýlyk hemişe gözleglerde gezen ýazyjynyň özüne kökerenligine ynanasyň gelýär. Çingiz Aýtmatowyň eserleri hem ýaşaýyş dogruçyllygy, gahrymanlarynyň sadalygy, wakalaryň durmuşylygy, käte ýowuzdygy, olarda durmuş hakykatynyň dabaralanýandygy, diliniň biçak çeperdigi bilen aýratyn tapawutlanýar. Bulardan başga-da, Çingiz Aýtmatow meşhur ýazyjylarymyz Berdi Kerbabaýew, Berdinazar Hudaýnazarow, Gara Seýitliýew bilen dostana gatnaşyk saklapdy. Ol bu galamdaşlarynyň öýünde ençeme gezek myhmançylykda bolupdy. Ol öz eserleri boýunça paýtagtymyzyň teatrlarynyň sahnasynda goýlan spektakllaryň käbiriniň tomaşaçysy hem bolupdy...

Hawa, şu duýgulara gaplanyp otyrkam, türkmen sungatynyň Çingiz Aýtmatowly ýene bir sahypasy hyýalymda janlandy. 100 ýyla golaýlap gelýän döwründe ösüşli ýollary başyndan geçiren türkmen teatrynyň ykbalynda tolgundyryjy bir waka bolupdy. Geçen asyryň altmyşynjy ýyllarynda Germaniýada geçen teatr festiwalynda türkmen halkynyň ussat rezissýory Oraz Hajymyradowyň sahnalaşdyran eseri baş baýraga – «Altyn nikap» atly halkara baýraga eýe bolupdy. Ol dünýä belli ýazyjy Çingiz Aýtmatowyň «Elwan ýaglykly Serwim» eseridi. Şol döwürde, awtoryň özi hem bu ussadyň döreden şol sahna eserine ýokary baha beripdi.

Hawa, sungatyň adamlary birleşdirýän güýji bar. Sungatyň söhbetinde adamlary diňe ynsanperwerlige çagyrýan çakylyk bar. Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, «Sungatlar söhbetleşýärkä, toplaryň sesi çykmaýar!».

**Gülälek AKMYRADOWA,**
*Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynyň režissýory, Türkmenistanyň halk artisti.*

# Edermen goragçy we wepaly dost

Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan milli gymmatlyklarymyzyň biri bolan türkmen alabaý itleriniň dünýä ýüzündäki şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak, olary gorap saklamak we köpeltmek, tohumçylygyny alyp barmak hem-de bu ugurda geçirilýän işleri halkara derejede ösdürmek boýunça uly tagallalar edilýär. Şu ýylyň 15–17-nji ýanwarynda Kazan şäherinde «Merkezi Aziýa owçarkasy» derejesi boýunça Russiýanyň Kinologiýa federasiýasynyň çempionatynda 2021-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanowa sowgat berlen Akdost (Akdus) atly türkmen alabaýy «Merkezi Aziýa owçarkasy» diýen ýaryşda iki ugur boýunça Russiýanyň çempiony boldy. Ol birinji sylaga arassa ganlylygy we owadanlygy üçin, ikinji sylaga bolsa düşbüligi, ünslüligi üçin mynasyp boldy. «Merkezi Aziýa owçarkasy» derejesi boýunça çempionata tutuş Russiýa boýunça 200-e golaý it gatnaşdy. Russiýanyň Kinologiýa federasiýasyndan gelip gowşan şatlykly habary Gahryman Arkadagymyz habar berdi. Bu hoş habar halkymyzy, aýratyn-da, ýurdumyzyň itşynaslaryny begendirdi.



Türkmen alabaýlarynyň eýesine wepalylygy, duýgurlygy, düşbüligi esasy aýratynlyklarydyr. Alabaý itleri hem gamyşgulak bedewler ýaly halkymyzyň ýakyn dostudyr. Sähralyklarda ýaşan, çarwaçylyk bilen meşgullanan halkymyzyň ýaşaýşyny alabaýsyz göz öňüne getirip bolmaýar. Çünki wepalylygyň, gaýratlylygyň ajaýyp nusgasy bolan alabaý itleri çopanlaryň iň ýakyn hossary, daýanjy hasaplanypdyr.

Garaşsyz Diýarymyzda türkmen alabaý itlerine aýratyn üns bilen garalýar, olar halkymyzyň milli buýsanjy hasaplanýar. Her ýyl ýurdumyzda Türkmen alabaýynyň baýramynyň bellenip geçilmegi, paýtagtymyzda Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasynyň toplumynyň baş binasynyň, «Türkmen alabaýy» ýadygärlik binasynyň, welaýatlarymyzda türkmen alabaý itleriniň merkezleriniň açylyp ulanmaga berilmegi olara goýulýan ýokary sarpanyň aýdyň mysalydyr. Bulardan başga-da, ýurdumyzda türkmen alabaýlaryna eýeçilik gözi bilen garap, olary özüniň wepaly ýoldaşy hasaplaýan itşynaslara «Türkmenistanyň halk itşynasy», «Türkmenistanyň at gazanan itşynasy» diýen hormatly atlaryň dakylmagy, her ýyl geçirilýän bäsleşikde ýeňiji bolan alabaýa «Ýylyň türkmen edermen alabaýy» medalynyň berilmegi türkmen halkynyň milli buýsanjy bolan alabaýlara goýulýan hormatyň nyşanydyr.

Ýurdumyzda arassa ganly itleriň saklanylmagyna, täze ugurlaryň döredilmegine, alabaýlaryň sanynyň artdyrylmagyna gönükdirilen ylmy-seçgiçilik işleri yzygiderli ýaýbaňlandyrylýar. Şunuň bilen birlikde, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyna hem aýratyn orun degişli bolup durýar. Türkmen alabaýlaryny ýetişdirmek sungatyny ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizmek boýunça alnyp barylýan asylly işler maksadalaýykdyr. Bu işleriň ählisi ýaşlaryň göwün guşuny ganatlandyrýar.

**Rustam GYLYJOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

# Türkmen halysy – nepisligiň nusgasy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary bilen halkymyzyň maddy we ruhy gymmatlyklary bu günki gün dünýä çykýar. Şol gymmatlyklaryň biri-de türkmeniň nepis halysydyr. Özüniň owadanlygy, inçeden kaşaňlygy bilen görenleri maýyl edýän türkmen halysy özüniň ajaýyp keşbi bilen dünýä bellidir. Ol özüniň reňki, nusgasy, berkligi we mäkämligi bilen tapawutlanýar.

Türkmen halky halyny özüniň ajaýyp nagyşlarydyr nusgalary bilen asyrlardan bäri dokap gelýär. Türkmen halysynyň her inedördül metrinde millionlarça çitim bolup, ol özüniň berkligi bilen meşhurdyr. Haly goýnuň dürli görnüşdäki ýüňünden dokalýar. Türkmen halysy sungatyň ajaýyp öwüşginlerini özünde jemleýän sungat ussatlary – türkmen zenanlarynyň el hünäridir. Türkmen zenanlary özleriniň milliligini «teke», «ýomut», «saryk», «çowdur», «ärsary» ýaly haly göllerinde jemlemek bilen, al-ýaşyl öwüsýän baýyrlaryny, ürgün çägeli sähralygyny, guba gazly deňizdir derýalarynyň reňklerini beýan edipdirler. Ajaýyp hem gaýtalanmajak şekilleri özünde jemleýän türkmen halylaryna seredip, halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda şeýle inçe senedi döredendiklerine haýran galýarsyň. Türkmen halyçy gelin-gyzlary hiç hili ölçeg birligi bolmazdan anyk çyzgy kadalara boýun egýän we ajaýyplygy bilen tapawutlanýan dürli halylary döredipdirler. Haly türkmen halkynyň durmuşynda gadymdan bäri meşhur bolup gelýän nepis sungat bolup, müňlerçe ýyl mundan ozal haly dokamaga başlanypdyr. Arheologlaryň Sumbar jülgesinden haly keserlerini tapmagy halyçylygyň gadymy döwürlerden öz gözbaşyny alyp gaýdandygyna şaýatlyk edýär. Haly sungatynyň iň gadymy görnüşleriniň biri hem Pazyryk halysydyr. Ol Altaýyň Pazyryk depesinden tapyldy. Onuň dokalanyna, takmynan, iki ýarym müň ýyl bolandygyny alymlar tassyklaýarlar.



Haly halk döredijiliginiň gelin-gyzlar tarapyndan ýerine ýetirilýän görnüşlerine özüniň çeper keşbini siňdiripdir. Ol gelin-gyzlar tarapyndan aýdylýan şygyrlarda öz beýanyny tapypdyr:

***Aýlar gyzym almaly,***
***Aýda dokar bir haly,***
***Halysynyň kenary,***
***On barmagyň hünäri...***

Gelin-gyzlaryň ýüreginden syzyp çykan, uz elleriň önümi bolan halylar özüniň owadanlygy, nepisligi, inçeden gelşikliligi bilen dünýäni haýrana goýýar. Häzirki döwürde halyçylyk sungatyna örän uly üns, ýokary baha berilýär. Halyçy gelin-gyzlaryň işlemegi, halynyň täzeçe nagyşlaryny oýlap tapmagy we dokamagy üçin döwrebap şertler döredilýär. Her ýylyň maý aýynyň soňky ýekşenbesinde bellenilýän Türkmen halysynyň baýramy mynasybetli öňdebaryjy halyçy gelin-gyzlara «Türkmenistanyň at gazanan halyçysy» diýen hormatly atlar dakylýar. Şeýle hem baýramçylyk sowgatlary gowşurylýar. Ýurdumyzda halyçylyk sungatyny ösdürmekde, türkmen halysynyň at-owazasyny dünýä ýaýramagynda uly işleri durmuşa geçirýän hem-de döwrebap şertleri döredip berýän Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden minnetdarlygymyzy bildirýäris. Goý, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jany sag, ömri uzak, döwletli tutumlary hemişe rowaçlyklara beslensin.

**Jemal MUHAMMEDOWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebiniň kitaphanaçylyk işi bölüminiň mugallymy.*

# Söwda deňiz gatnawlary kämilleşdirilýär

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan parasatly syýasatynyň netijesinde häzirki wagtda ýurdumyzda Deňiz we derýa ulaglary pudagyna uly üns berilýär. Hormatly Prezidentimiziň Türkmenbaşy Halkara deňiz portuny hem-de Türkmen deňiz söwda flotuny ösdürmek baradaky durmuşa geçirýän uly göwrümli tutumlary bilen bir hatarda söwda deňiz gatnawy bilen bagly halkara ylalaşyklaryň ýerine ýetirilmegi we bu ugurda döredilen milli kanunçylyk binýadymyzy döwrebaplaşdyrmak maksady bilen onuň has-da kämilleşdirilmegi babatynda degişli işler alnyp barylýar.

26-njy ýanwarda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek, dünýä standartlaryna laýyklykda deňiz gatnawyny ýeňilleşdirmek, daşary ýurtlar bilen söwda gatnaşyklaryny pugtalandyrmak üçin Türkmenistanyň Halkara Deňiz Guramasynyň (HDG) Halkara deňiz gatnawyny ýeňilleşdirmek hakynda Konwensiýasyna goşulmagy boýunça zerur işleriň alnyp barylýandygy barada bellenildi.

Häzirki wagtda «Türkmendeňizderýaýollary» agentligi tarapyndan Türkmenbaşy Halkara deňiz portuna gelýän gämileri we ýükleri resmileşdirmek işlerini döwrebaplaşdyrmak hem-de olary kadalaşdyrmak boýunça birnäçe işler alnyp barylýar. Türkmenistan 1993-nji ýylyň 26-njy awgustynda HDG-niň agzalygyna kabul edilip, häzirki wagtda bu guramanyň birnäçe resminamalaryna goşuldy. HDG Birleşen Milletler Guramasynyň deňiz gatnawlaryny kadalaşdyrmak we düzgünleşdirmek boýunça ýöriteleşen halkara guramasy bolup, gämi gatnawynyň howpsuzlygyny berjaý etmek, daşky gurşawy goramak we deňiz ulagynyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak hem-de gämi gatnawyny bütinleýin ulgam hökmünde kadalaşdyrmak we goldamak bilen meşgullanýan halkara guramadyr. Halkara Deňiz Guramasy 1948-nji ýylda döredilip, onuň ştab-kwartirasy London şäherinde ýerleşýär we dünýäniň döwletleriniň aglaba bölegi onuň agzasy bolup durýar.



Häzirki wagtda dünýäniň 129 döwleti Halkara deňiz gatnawyny ýeňilleşdirmek hakynda Konwensiýasynyň agzasydyr. Bu Konwensiýa (FAL) deňiz ulagy arkaly ýükleriň we harytlaryň daşalmagyny artdyrmak hem-de global üpjünçilik zynjyrlarynyň hereketine päsgelçilik döredýän käbir resmi çäreleriň täsirlerini azaltmak we olaryň çaltlandyrylmagyny gazanmak bilen bagly birnäçe talaplary öz içine alýar. FAL Konwensiýasynyň düzgünleriniň talaplary ony kabul eden ýurtlara gämileriň portlara girmegi we çykmagy bilen bagly zerur bolan maglumatlaryň elektron görnüşde alynmagyny üpjün etmek maksady bilen «bir penjire» ulgamynyň döredilmegini, girizilmegini we ulanylmagyny talap edýär.

Ýeri gelende bellesek, geçen ýylyň tomsunda Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy tarapyndan Türkmenbaşy Halkara deňiz portuna «EcoPorts» güwänamasy gowşuryldy. Ol Türkmenistanyň halkara jemgyýetçilikde özüniň syýasy, ykdysady, medeni hyzmatdaşlyklary bilen uly abraýdan peýdalanýandygyny ýene bir gezek subut etdi. «Ösüş arkaly parahatçylyk» ýörelgesini dünýä ýaýýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň oýlanyşykly başlangyçlary Watanymyzyň at-abraýyny has-da belende galdyrýar.

**Aýjemal HUDAÝBERDIÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

**gysga setirlerde**

**«Tesla» täze elektroulag öndürmekçi.** «Tesla» kompaniýasy indiki ýyl «Redwood» atly täze elektroulag çykarmagy meýilleşdirýär. Elektroulagyň başlangyç bahasy 25 müň dollar bolar. Maglumatlara görä, «Tesla» bir hepdede 10 müňe golaý täze elektroulag öndürmegi maksat edinýär.



**Meşhur syýahatçylyk ugry bolar.** Fransiýa 2024-nji ýylda dünýäde iň meşhur syýahatçylyk ugry bolar. Muňa deslapdan satyn alnan awiapetekleriň sany güwä geçýär. Şu ýyl Parižde geçiriljek Olimpiýa oýunlary ýurda barjak syýahatçylaryň sanyny has-da artdyrar.



**Gadymy ýazgyly pyçak tapyldy.** Daniýanyň Odense şäherinde geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde iň gadymy pyçak tapyldy. Pyçagyň ýüzünde gadymy skandinaw dilinde «kiçijik gylyç» diýen manyny aňladýan «hirila» sözi haşamlanyp ýazylypdyr. Bu pyçak taryhçylara skandinaw ýurtlarynyň gadymy ýazuwyna düşünmäge ýardam berer.



**Togdarylaryň sany azalýar.** Russiýanyň Ylymlar akademiýasynyň alymlarynyň pikirine görä, soňky onýyllykda togdarylaryň sany bäş-alty esse azaldy. Sähralarda ýaşaýan bu guşlaryň geçen asyryň ahyrynda Wolga sebitinde, takmynan, 8-10 müňüsi ýaşaýardy. 2010-njy ýyldan bäri olaryň sany ep-esli azalyp ugrady.



**Ýaşaýşa ýaramly planetalar.** Beýik Britaniýanyň Uoriksk uniwersitetiniň alymlary ýaşaýyş üçin ýaramly ekzoplanetalaryň 85-sini ýüze çykardylar. Planetalaryň diametri 17 müňden 560 müň kilometr aralygyndadyr. Ýeriň diametri 12 müň kilometrden biraz uludyr. Barlaglar TESS hemrasynyň maglumatlaryna esaslanyp geçirildi.



**Marsda ýerasty buzluklar tapyldy.** Ýewropaly alymlar Marsyň astyndan ägirt uly buzluklary ýüze çykardylar. Marsyň ekwator guşaklygyndan tapylan ýerasty buz gatlagy 300 metr töweregi çuňlukda ýerleşip, daşdyr gatlaklar bilen örtülendir. Buz gatlagyň galyňlygy 4 kilometre deň bolup, Suw gorlary Gyzyl deňziniň suwuna barabardyr.



**Emeli aňyň oba hojalyga ýardamy.** Hytaýda ekin meýdanlaryny sürüjisiz traktorlar bilen sürüp ugradylar. Indi oba hojalyk tehnikalary uzak aralykdan emeli aň arkaly dolandyrylýar. Emeli aň arkaly belli bir ugra gönükdirilýän täze tehnologiýalar bilen abzallaşdyrylan traktorlar ýurduň Szýansu welaýatynda durmuşa ornaşdyrylýar.



**BMW-de robotlar işläp başlar.** Germaniýanyň awtoulag öndürijisi «BMW Manufacturing» golaýda «Figure» kompaniýasy bilen adamsypat robotlary işletmek barada şertnama baglaşdy. Olaryň ABŞ-nyň Spartanburg şäherindäki BMW-niň zawodynda käbir önümçilik ýerlerinde adamlaryň ornuny tutjakdygy habar berilýär.



**Gresiýa gaýtarylyp berildi.** Emori uniwersitetiniň Maýkl Karlos adyndaky sungat muzeýi bikanun äkidilen üç eseri Gresiýa gaýtaryp berdi. Artefaktlaryň arasynda miladydan öňki XIV asyryň Minoý sarkofagy, miladydan öňki II asyra degişli ýaş zenanyň mermer heýkeli hem-de miladydan öňki IV asyryň ahyryna degişli erkek kişiniň heýkeli bar.



**Dünýäniň iň gözel zenany.** Germaniýaly 38 ýaşly lukman, iki çaganyň ejesi Juliýa Şnelle «Dünýäniň iň gözel zenany – 2023» bäsleşiginde ýeňiji boldy. Bäsleşik Las-Wegasda geçirildi. Ol bu derejä mynasyp bolan ilkinji nemes zenany boldy. Bäsleşikde oňa gatnaşyjylaryň öňe sürýän jemgyýetçilik taslamalary has ileri tutuldy.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1892-nji ýylyň 2-nji fewralynda ABŞ-nyň Merilend ştatynyň Baltimor şäherinden bolan oýlap tapyjy Wilýam Peýnter çüýşeleriň agzyny ýapmak üçin täç şekilli metal gapaga patent alýar. Bu gapaklar çüýşeleri germetik usulda mäkäm ýapýar. Bu gapaklar häzirem giňden ulanylýar, ýöne gapagyň gasynlanan gyrasyndaky dişleriň sany 24-den 21-e çenli azaldyldy.**




## IKINJI TAPGYRY GURALAR

Finlýandiýanyň öňki Premýer-ministri, Milli koalisiýa partiýasynyň dalaşgäri Aleksandr Stubb bilen garaşsyz dalaşgär, «Ýaşyllar bileleşigi» partiýasynyň agzasy, öňki daşary işler ministri Pekka Haawisto 28-nji ýanwarda ýurtda geçirilen Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyrynda öňe saýlandylar. Bu barada ýurduň Adalat ministrligi habar berdi.

Saýlawlaryň birinji tapgyrynda dalaşgärleriň hiç birisi zerur bolan 50% sesi gazanyp bilmediler. Şoňa görä-de, 11-nji fewralda saýlawlaryň ikinji tapgyry geçiriler. Birinji tapgyryň netijelerine görä, Stubb 28,3%, Haawisto 25,8%, Finler partiýasynyň dalaşgäri, parlamentiň başlygy Ýussi Halla-aho 16,2% ses gazandy. Saýlawlara jemi 9 partiýanyň dalaşgäri gatnaşdy. Saýlawlaryň birinji tapgyrynda ses bermäge hukugy bolan 4,2 million raýatdan 3,2 million saýlawçy ses berdi. Saýlawlara gatnaşyk 79%-e deň boldy. Täze döwlet Baştutanynyň kasam kabul edişlik dabarasy 1-nji martda geçiriler.

Şeýlelik bilen ýurtda saýlawlaryň ikinji tapgyry geçiriler. Finlýandiýanyň Prezidenti alty ýyl möhlet bilen saýlanýar. Häzirki döwlet Baştutany Sauli Niinistýonyň ygtyýarlyklary fewral aýynda gutarýar. Ol bu wezipede yzygiderli iki möhlet işledi.

Finlýandiýa Baltika deňziniň gündogar



kenarynda ýerleşýän Demirgazyk Ýewropadaky ýurt bolup, gündogarda Russiýa, demirgazykda Norwegiýa we günbatarda Şwesiýa bilen serhetleşýär. Günortada Fin aýlagyndan iň ýakyn goňşusy Estoniýadyr. Helsinki Finlýandiýanyň iň uly şäheri we paýtagtydyr. Ýurtda 5 million 568 müňden gowrak adam ýaşap, iň az ilatly ýurtlaryň hatarynda durýar.

## ILKINJI SYÝAHATYNA BAŞLADY

Dünýäniň iň uly kruiz gämisi bolan «Icon of the Seas» ilkinji syýahatyna çykdy. Gämi 10-njy ýanwarda Finlýandiýanyň Turku şäherindäki gämi gurluşyk kärhanasyndan suwa goýberilenden soň,



bütin Atlantik ummanyny ýüzüp geçip, Maýamä girdi. «Icon of the Seas» 27-nji ýanwarda Gün ýaşmazyndan ozal, Maýami portundan ýola düşdi. Gäminiň ýigrimi gatynda 7 müň 600 ýolagçy we 2 müňden gowrak ekipaž agzalary ýerleşip bilýär.

Syýahatçylar üçin gämide ýedi sany howuz, daga dyrmaşyş diwary, gidromassaž, emeli tolkunly sörfing simulýatory, buz meýdançasy, gijeki klublar, woleýbol we basketbol meýdançalary, 40 sany restoran, akwapark, seýilgäh, teatrlar, suw çüwdürimleri we beýleki mümkinçilikler bar.

«Icon of the Seas» gämisiniň işe girizilmegi, Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde portlaryň hapalanmagynyň öňüni almak maksady bilen täze düzgünler arkaly kruiz gämilerine garşy dürli çäreleri görülýän döwrüne gabat geldi. Mysal üçin, 2026-njy ýyldan başlap, Norwegiýada ýurduň portlaryna diňe alternatiw ýangyç bilen işleýän gämiler girip biler. Hökümet ajaýyp de-



ňiz kenarlarynyň hapalanmagyny azaltmaga synanyşýar. Muňa bolsa, köplenç dizel ýangyjy bilen işleýän kruiz gämileri sebäp bolýar.

Täze kruiz gämilerinde kömürturşy gazynyň zyňyndylaryny azaltmak maksady bilen suwuklandyrylan tebigy gaz ulanylýar. Suwuklandyrylan tebigy gaz ýakylanda, adaty ýangyja garanyňda, azot oksidiniň, kükürt oksidiniň we gaty bölejikleriň az mukdary bölünip çykýar. Gämileriň suwuklandyrylan tebigy gaz bilen işledilmegi dünýädäki portlaryň esasy meselesi bolup durýar. Ýöne daşky gurşawy goraýjylar bu kruiz gämileriniň ulanýan hereketlendirijilerinden metanyň syzmagy barada alada edýärler.

## «EKSPO 2025» WAGTYNDA GEÇIRILER

Ýaponiýanyň Hökümeti indiki ýyl ýurduň Osaka şäherinde geçirilmegi meýilleşdirilýän «EKSPO 2025» dünýä sergisini yza süýşürmegi zerur hasaplamaýar. Bu barada Ministrler Kabinetiniň Baş sekretary Ýosimasa Haýasi Tokioda geçirilen metbugat üçin maslahatda aýtdy.

Ýaponiýanyň ykdysady howpsuzlyk ministri Sanae Takaiti ýylyň başynda bolan



yzygiderli ýertitremelden soň ýurduň Premýer-ministri Fumio Kisida Ýapon deňziniň kenarýakasyndaky sebitleriň dikeldilmegini ileri tutmak maksady bilen «EKSPO 2025» sergisini yza süýşürmegi maslahat berdi. Bu sergini Osakada geçirmek baradaky karar 2018-nji ýylda Pariždäki Halkara sergiler býurosynyň Baş Assambleýasynda kabul edildi.

Ozal habar berlişi ýaly, Ýaponiýanyň Osaka şäherinde 2025-nji ýylyň 13-nji aprelinden 13-nji oktýabry aralygynda «EKSPO 2025» sergisi geçiriler. Osaka aýlagynda emeli gurlan Ýumesima adasy serginiň geçiriljek ýeri hökmünde saýlandy. Bu ada 2019-njy ýylda G20 sammitiniň guralan ýeri bolan INTEX Osaka sergi toplumynyň golaýynda ýerleşýär. «EKSPO 2025» desgalarynyň gurluşygyna, takmynan, 125 milliard ýen (1,1 milliard dollar) goýberildi we bu döwür üçin çykdajylar, takmynan, 80 milliard ýen (730 million dollar) bolar.

«Ýagty durmuş üçin geljekki jemgyýeti döretmek» «EKSPO 2025» sergisiniň baş şygary bolar. Maglumatlara görä, sergi, takmynan, 28 million adamy özüne çekip, Osakanyň ykdysadyýetine 18 milliard dollar töweregi girdeji getirer. Bütindünýä sergileriniň taryhy XIX asyryň ortalaryna çenli uzaýar: ilkinji «EKSPO» sergisi 1851-nji ýylda Londonda geçirilip, Pariž şeýle sergileriň birnäçesini kabul edýär. 170-den gowrak ýurduň gatnaşýan iň uly halkara sergisinde bäş ýyldan bir gezek ylymda, tehnologiýada, binagärlikde we sungatda gazanylan üstünlikler görkezilýär.

## Afrika ýurtlaryna 5,5 milliard ýewro bölüp bermekçi

28-29-njy ýanwarda Rimde «Italiýa-Afrika: umumy ösüş üçin köpri» şygary bilen köpden bäri garaşylýan halkara sammit geçirildi. Maslahatyň maksady, Italiýanyň Afrika yklymyna bolan çemeleşmesine täzeden garamak üçin Italiýanyň strategik meýilnamasyny hödürlemekden ybaratdyr.

Afrika ýurtlary bilen hyzmatdaşlyga gönükdirilen milli italýan «Mattei meýilnamasy» bu ýurtlaryň dürli maksatnamalary üçin 5,5 milliard ýewro bölüp bermegi meýilleşdirýär. Bu barada Italiýanyň Premýer-ministri Jorja Meloni 40-dan gowrak Afrika döwletiniň wekilleriniň, Ýewropa Bileleşiginiň we halkara guramalarynyň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda Rimde geçirilen Italiýa-Afrika sammitinde mälim etdi.

Ol Italiýanyň klimat gaznasyndan 3 milliard, hyzmatdaşlyk we ösüşe ýardam gaznasyndan 2,5 milliard ýewro bölünip beriljekdigini habar berdi. Jorja Meloni synag taslamalarynyň arasynda Marokkoda gaýtadan dikeldilýän energiýa pudagyndaky uly hünär okuw merkezini, Tunisdäki bilim taslamalaryny we Kot-d'Iwuardaky saglygy goraýyş taslamasyny ýatlap geçdi.

– Esasy ýörelgämiz bilelikdäki işdir. Üstünlikli



modelleri beýleki gyzyklanýan ýurtlara hem gönükdirip bolar – diýip, Meloni aýtdy. Ol Alžir, Mozambik, Müsür, Kongo Respublikasy, Efiopiýa we Keniýa ýaly ýurtlar bilen hyzmatdaşlygyň dürli ugurlarynyň üstünde durup geçdi.

## Binanyň gurluşygy tamamlanar

**Dubaýda keseligine gurulýan iň uzyn 225 metrlik binanyň gurluşygyny şu ýylyň ahyryna çenli tamamlamak meýilleşdirilýär. Ol dünýädäki iň uzyn konsol binasy bolar. Taslama Ýaponiýanyň «Nikken Sekkei» binagärlik kompaniýasy tarapyndan işlenip düzüldi diýlip ýurduň habar beriş serişdelerinde bellenilýär.**

**«The Link» atly bu desga «One Za'abeel» atly iki sany beýik binany birleşdirýän köpri görnüşli keseleýin panorama binasydyr. Diňleriň biriniň beýikligi – 241 metr (57 gat), beýlekisiniňki 304 metr (67 gat). Polat karkasdan we aýnadan ybarat konsol alty zolakly awtoulag ýolundan 100 metr belentlikde ýerleşýär. Onuň agramy 9 müň tonna barabar.**

**Bu kese gurulýan binada garbanyşhanalar, syn ediş meýdançasy, basseýn, spa hem-de söwda toplumy we myhmanhana otaglary ýerleşýär. «One Za'abeel» binasy hem täjirçilik, hem-de ýaşaýyş jaý emlägini öz içine alýan köp ugurly top-**



**lumdyr. Bu ýerde aýratyn otaglar, myhmanhanalar, köp sanly barlar, restoranlar we güýmenje ýerleri bolar.**

**Iki dik binanyň gurluşygy bolsa 2016-njy ýyldan 2021-nji ýyla çenli dowam etdi.**

## Welosipedli 19 ýurda aýlanmakçy

Asly Beýik britaniýaly bolan dubaýly zenan türgen Pola Ralf iň uzak welosipedli syýahatyna başlamaga taýynlyk görýär. Ol 82 günde 23 müň kilometri geçip, dünýä rekordyny goýmagy maksat edinýär. BAE-niň habar beriş serişdeleriniň maglumatlaryna görä, welosiped sürüjisi Keýp-Poýntdan (Günorta Afrika) ugur alyp, Nordkapda (Norwegiýa) syýahatyny tamamlar. Onuň ýeňil bolmadyk syýahaty 19 ýurdy öz içine alýar.

Ol aýal-gyzlary ruhlandyrmak maksady bilen köp wagtdan bäri uzak syýahatyny meýilleşdirip gelýändigini aýtdy. Pola Ralf öz tagallalary bilen sagdyn durmuş ýörelgesi baradaky düşünjäni ýokarlandyrmagyň we fiziki taýdan mümkinçiligi çäkli çagalara ýardam bermegiň ähmiýetini ýatlatmak isleýär. Pola şeýle çagalara kömek etmek maksady bilen



gazna döretmegi hem meýilleşdirýär.

Zenan türgen muşdaklaryny öz üstünligine tomaşa etmäge, gözel ýerler bilen tanyş bolmaga we kynçylyklary ýeňip geçmäge çagyryp, syýahatyny sosial ulgamlarda paýlaşmagy meýilleşdirýär.

## Birbada üç hemra uçurdy

**28-nji ýanwarda Eýran öz taryhynda ilkinji gezek birbada üç hemrany kosmosa uçurdy. Bu barada ýurduň ISNA habarlar gullugy habar berdi. Maglumatlara görä, hemralar Ýerden 450 kilometr belentlikdäki elliptik orbita çykaryldy.**

**Onuň binýadynda bir aragatnaşyk-gözleg hemrasy «Mahda» hem-de iki sany nanohemra «Keyhan-2» we «Hatef-1» bolup, «Simorgh» atly göteriji raketa bilen Semnan welaýatyndan uçuryldy.**

**«Mahda» enjamynyň esasy wezipesi, dürli wezipeleri ýerine ýetirende «Simorgh»-yň işine hem-de kosmosda täze gurluşlara we tehnologiýalara baha bermekden ybarat bolar. Beýleki iki missiýanyň geopozision we aragatnaşyk tehnologiýasy üçin ulanyljakdygy aýdylýar.**

**Mundan başga-da, Eýran 20-nji ýanwarda öz ýurdunda öndürilen «Qaem-100» göteriji raketasy arkaly 47 kilogramlyk gözleg we telekommunikasiýa hemrasy «Soraýa»-nyň uçurylandygyny habar berdi. Bilermenler bu**



**wakalara ýurduň kosmos maksatnamasyndaky üstünlikli ädimleri hökmünde baha berdiler. Soňky onýyllyklarda Eýran birnäçe hemrasyny orbita ugratdy. 2013-nji ýylda bolsa, kosmosa maýmyn uçurylypdy. Geçen ýylyň dekabr aýynda Eýran jandarlary orbita çykarmaga ukyply kapsula iberdi we ýakyn ýyllarda adamy kosmosa ibermäge taýýarlyk görýär.**

## 4500 ÝYLLYK GADYMY ARAMGÄH TAPYLDY

**Arheologlar ajaýyp hazynalary öz içine alýan 4500 ýyllyk gadymy Müsür aramgähini ýüze çykardylar. Bu ýerden tapylan köp sanly eserleriň arasynda XVIII neberäniň abat saklanyp galan gap-gaçlary hem-de Müsür hudaýlary Isidanyň we Garpokratyň heýkelleri bar.**

**Arheologlar Kairiň 20 kilometr günortasynda ýerleşýän Sakkara nekropolunda 4 müň ýyldan gowrak mundan öň gaýada oýulyp gazylan gadymy Müsür aramgähini ýüze çykardylar. Ýakynda Müsüriň Syýahatçylyk we gadymy ýadygärlikler ministrligi tarapyndan tassyklanan bu ajaýyp tapyndy, müsürli we ýaponiýaly arheologlaryň bilelikdäki tagallasy bilen ýüze çykaryldy.**

**– Miladydan öň, 2649-njy we 2150-nji ýyllar aralygynda gurlan, dürli taryhy döwürlere degişli bolan köp sanly artefaktlary öz içine alýan aramgäh bu sebitiň taryhy barada bahasyna ýetip bolmajak maglumatlary berýär – diýip, ýapon toparynyň başlygy Nozomu Kawai aýtdy.**

**Halkara topary öz işleriniň dowamynda binagärlik aýratynlyklaryny we gyzykly eserleri öz içine alýan köp sanly hazynalary ýüze çykardylar. Aramgähiň içinden XVIII neberäniň (miladydan öňki 1550-1295-nji ýyllar) abat saklanyp galan gap-gaçlary tapyldy. Mundan başga-da, Ptolemeý döwründe dymmagyň we syrlylygyň hudaýy hökmünde tanalýan gadymy Müsür taňrysy Isida we çaga hudaýy Garpokrat şekillendirilen iki sany terrakota heýkeli tapyldy. Beýleki tapyndylaryň arasynda «Geroides» diýlip ýazylan daş, dürli tumarlar we döwlen küýze bölekleri bar.**

**Sakkara, gadymy Müsüriň Memfis şäheriniň golaýynda ýerleşýär. ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen bu sebitde Gizanyň meşhur piramidalary, şeýle hem Abu Sir, Dahşur we Abu-Ruwaýşa ýaly 10-dan gowrak piramida ýerleşýär. Soňky ýyllarda Müsüriň taryhçylary tutuş ýurtda möhüm arheologiýa tapyndylaryny ýüze çykarýarlar. Geçen ýylyň ýanwarynda Sakkarada bir ýyllap geçirilen gazuw-agtaryş işleriniň netijeleri görkezildi – tapyndylaryň arasynda Köne Patyşalygyň bäşinji we altynjy neberelerine degişli (takmynan 2500-2100-nji ýyllar) zatlar bar.**

# TÄSIN TOÝ DÄP-DESSURLARY

**Ýer ýüzünde her halkyň özüne mahsus medeniýetiniň bolşy ýaly, täsin däp-dessurlary hem bar. Şeýle däp-dessurlaryň biri hem oglan bilen gyzyň nikalaşmagy, ýagny toý adatlarydyr. Irki döwürlerde ýüze çykyp, milli yrym-ynançlar esasynda kämilleşdirilen toý däpleri her halkda her dürli. Ýöne ähli halkda hem milli toý däp-dessurlarynda ýaş çatynjalaryň bagtly durmuşda ýaşamagy, agzybir maşgala bolmagy göz öňünde tutulýar. Adaty bolmadyk täsin däp-dessurlar toý-dabaralary gyzykly we şowhunly geçirmäge mümkinçilik berýär. Gazetimiziň şu sanynda dünýädäki täsin toý däp-dessurlary baradaky gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirmegi makul bildik.**

**Gelin bilen ýigidi «garalamak» däbi (Şotlandiýa).** Şotlandiýada toýdan bir-iki gün öň oglanyň we gyzyň maşgala agzalary üýşüp, ýaş çatynjalaryň üstüne palçyk, çüýrän miwe oklaýarlar. Gelin bilen ýigidi «garalamak» toý däbinde ýaşlar biri-birini zyňylýan zatlardan goraýarlar ýa-da bilelikde goranýarlar. Üst-başyň bulaşýandygyna garamazdan, bu toý däbi är-aýalyň durmuşda ýüze çykyp biljek kynçylyklara taýýardygyny aňladýar.

**Agaç kesmek dabarasy (Germaniýa).** Nemes halkynyň däbinde durmuş gurýan oglan bilen gyz toý myhmanlarynyň öňünde synagdan geçirilýär. Bu synag sorag-jogap alyşmak arkaly däl-de, agaç kesmek arkaly geçirilýär. Durmuş gurýan oglan bilen gyz toý lybasynda ary (iki adamlyk uly byçgy) bilen agaç kesýärler. Agaç kesmek dabarasy är-aýalyň bilelikde päsgelçilikleri ýeňip geçip biljekdigini ýa-da bilmejekdigini görkezýär. Käte bu toý däbinde oglanyň ýa-da gyzyň agaç kesmekde ejizleýän pursatlaryna hem duş gelmek bolýar. Umuman, agaç kesmek dabarasyndan soň myhmanlar söz sözleýärler hem-de ýaşlary toý dabarasy bilen gutlaýarlar.

**Gelinligi alyp gaçmak däbi (Italiýa).** Italýan



medeniýetinde öýlenjek oglan gelinligini alyp gaçýar. Dostlarynyň kömegi bilen gelnini öýüne getirenden soň, oglanyň hossarlary gyzyň maşgala agzalary bilen gepleşik geçirip, toý dabarasyna taýýarlyk görüp başlaýarlar.

**Sübseden bökmek däbi (Afrika).** Afrika-amerikan medeniýetinde toý tutýan jübütler sübseden bökýärler. Bu däp olaryň durmuş gurýandygyny aňladyp, är-aýalyň ata-babalaryna goýýan hormat-sylagy diýlip düşünilýär.

**Ýigidiň aýakgabyny gizlemek däbi (Hindistan).** Hindi däbinde gelniň uýalary toý güni ýigidiň köwşüni gizlemäge synanyşýarlar. Soňra giýew ýitiren köwşüni yzyna almak üçin gelniň uýalarynyň şertlerini ýerine ýetirmeli bolýar. Köplenç öýlenýän ýigit aýdym aýtmak, tans etmek, kimdir birine öýkünmek ýa-da sahna oýnap görkezmek ýaly synaglardan geçirilýär.



**Gap-gaç döwmek däbi (Gresiýa).** Gresiýada toý myhmanlary täze durmuş gurýan ýaşlary gutlap we üstünlik arzuw edip, gap-gaçlary döwýärler. Soňra är-aýal eline sübse alyp, durmuşda duş gelýän kynçylyklara döz gelmegiň alamaty hökmünde döwlen bölekleri bilelikde aýyrýarlar. Bu däbe meňzeş adatlar kawkaz halklarynda hem bar.

**Ýigidiň dabanyny çybyklamak däbi (Koreýa Respublikasy).** «Bu toý däbi koreýleriň özboluşly adatlarynyň biridir. Toý dabarasyndan soň, ýigidiň dostlary we maşgala agzalary onuň aýakgabyny we jorabyny çykaryp, topugyna hem-de dabanyna çybyk ýa-da kakadylan balyk bilen urýarlar. Şol wagt oglana soraglar hem berilýär. Bu toý däbi ýigidiň güýjüni we häsiýetini barlamaga mümkinçilik berýär. Şeýle hem ýigidiň maşgala agzalary bilen özara gatnaşygy ýüze çykýar.

**Gül zyňmak däbi (ABŞ).** Gül dessesini zyňmak tanyş adatlaryň biri bolsa-da, amerikan toýlarynda bu däp uly tolgunma bilen geçirilýär. Durmuş gurýan gyz özüniň gül dessesini yzyna seretmezden arka tarapa oklaýar. Üýşüp duran zenanlaryň haýsysy çemeni tutsa, indiki boljak toýuň özüne degişlidigine ynanýar. Gül zyňmak däbi uly tolgunma we garaşylmadyk wakalar bilen geçýär.

**Ak kepderi uçurmak däbi (Filippinler).** Filippinlerde täze durmuş gurýanlar parahatçylygyň, agzybirligiň we söýginiň nyşany hökmünde asmana bir jübüt ak kepderi uçurýarlar. Bu däp är-aýalyň sazlaşykly durmuş isleglerini öz içine alyp, uçan kepderiler ýaşlaryň arzuwlaryny asmana göterýär.

**Üç köýnek geýmek däbi (Hytaý).** Hytaý medeniýetinde toý güni gelin üç dürli eşik geýýär. Ilki çipao, soňra gyzyl reňkli kabul ediş lybasyny, şeýle-de ak köýnek geýýär. Bu adat gelniň köp taraplydygyny görkezýär.



## Näme üçin pallaýarys?

Uly adamlaryň, bäbekleriň we hatda käbir jandarlaryň hem pallaýanyny görýäris. Alymlar pallamagyň näme sebäpden ýüze çykýandygy we birek-birege geçýändigi barada birnäçe pikiri öňe sürýärler. Köp adam pallamagy ýadawlyk we içgysgynçlyk bilen baglanyşdyrýar. Geçirilen barlaglarda adamlaryň dynç alanlarynda ýa-da şatlykly ýagdaýda hem ýygy-ýygydan pallaýandygy seljerildi. Netijede, pallamagyň diňe ýadawlyk bilen baglanyşykly däldigi ýüze çykaryldy.

**Alymlaryň köpüsi pallamagyň adamyň fiziologik işi bilen baglanyşykly ýüze çykýandygyny, ýagny beden bilen baglanyşykly ýagdaýlary habar berýändigini belleýär.**

**1-nji garaýyş.** Pallamak adam ýadaw we içgysgynç duýgulary başdan geçirýän wagty beýnini oýarýar. Ýüzdäki we boýundaky myşsalary herekete getirip, ýürek urşunyň ýokarlanmagyna hem-de hüşgärlik gormonlarynyň bölünip çykmagyna ýardam edýär. Bilermenler pallamak beýnidäki suwuklygy dynç alyş ulgamyndan uzaklaşdyryp, işjeň ýagdaýa geçirýär diýip çaklaýarlar. Mysal üçin, adam erkin ýagdaýa geçende: telewizora tomaşa edende, leksiýa diňlände has köp pallaýar. Tersine işjeň ýagdaýda: geplände, sport bilen meşgullananda, nahar bişireninde käwagt pallaýar.

**2-nji garaýyş.** Pallamak beýnidäki temperaturany kadaly saklamaga mümkinçilik berýär. Kompýuterde köp işlenende prosessorynyň gyzyşy ýaly, adam beýnisi hem gyzýar. Şeýle ýagdaýda ýüz myşsalary hereket edýär we gysylýar hem-de beýnidäki gan aýlanyş artýar. Pallananda beýniniň gyzgynlygy peselip, gan aýlanyş kadaly derejä gelýär. Akyl zähmeti bilen meşgullanylanda arassa howa çykyp, uludan dem almak maslahat berilýär.

**3-nji garaýyş.** Pallamagyň duýgudaşlyk endikleri bilen baglanyşyklydygy bellenilýär. Bir adam pallanda ýanyndakylar hem oňa duýgudaşlyk hökmünde pallaýarlar. Pallamak birek-birege geçip, jemgyýet arabaglanyşygyny emele getirýär. Kimdir biriniň pallanyny gören adamyň beýnisi oňa duýgudaşlyk hökmünde jogap gaýtarýar. Bu hadysa maşgala agzalarynyň arasynda, tanyş ýa-da nätanyş adamlaryň arasynda bolup geçýär. Ýöne muňa adamlar ýadawlyk we uky alamaty diýip düşünýärler.

**Pallamagyň saglyga täsiri**

Adam her gün ortaça 28 gezek pallaýar. Bu, esasan, ukudan oýanylanda we ýatmazdan öň bolup geçýär. Bilermenler adamyň ýadaw we içgysgynç ýagdaýlardan başga wagty pallamagynyň saglyk ýagdaýy bilen bagly bir zatlary habar berýändigini belleýärler. Adaty däl wagty pallamak, näsaglyk alamatlaryny (mysal üçin, kislorod ýetmezçiligi) görkezip biler.

## Brekkense Wiel – suwuň içindäki täsinlik

Soňky wagtlarda suwuň içinde täsin desgalary gurmak ýoň boldy. Tebigat bilen sazlaşykly owadan peýzažy emele getirýän suw platformalary köplenç syýahatçylyk maksady bilen gurulýar. Niderlandlarda 1992-nji ýylda suwuň içinde täsin ýaşaýyş toplumy emele gelýär. Brekkense Wiel (Döwlen tigir) diýlip atlandyrylýan bu taslama Friz kölleri bilen Niderlandlaryň iň uly köli Eýsselmeriň arasynda ýerleşýär. Niderlandlaryň iň meşhur syýahatçylyk merkezi hökmünde tanalýan bu toplumda ýaşaýyş jaýlary bilen bir hatarda syýahatçylar üçin niýetlenen desgalar hem bar. Bölek-bölek ýarym aýlawly gurluşa eýe bolan howlular suwuň içinde ýerleşip, ondan-oňa awtoulagly hem-de gaýykly geçip bolýar. Suw sport görnüşleri bilen meşgullanýanlar üçin Brekkense Wiel täsin ýerleriň biridir. Ertekileri ýadyňa salýan bu şäherçe Lemmer şäheriniň golaýynda ýerleşýär. 11 gektar meýdany bolan Brekkense Wielde 230 töweregi ýaşaýyş jaýy bar.

Syýahatçylaryň arasynda «Lemsters» ady bilen meşhurlyk gazanan bu şäherçe tomus paslynda iň köp gelim-gidimli ýerleriň biridir. Şäherçede gaýykly gezelençler bilen birlikde, gaýykly ýaryşlar hem guralýar. Brekkense Wiel «ýaşyl» ekologiýany emele getirmek, biodürlüligi we tebigy ýaşaýyş ýerlerini gorap saklamak maksady bilen gurlupdyr.



## ÇAGALAR

**Ýüwrük jandarlaryň biri bolan Arktika towşanlary sagatda 65 kilometr tizlik bilen ylgap bilýärler.**

# GARLY ÝERDE ÝAŞAÝAN JANDARLAR

**Haýwanat dünýäsi tebigatyň täsinliklere baý bölegi bolup, Ýer ýüzünde janly-jandarlaryň 2 milliondan gowrak görnüşi ýaşaýar. Haýwanlaryň käbiri endemik häsiýete eýe bolsa, käbiri ähli ýerde diýen ýaly duş gelýär. Käbiri bolsa göçüp-gonup, dünýäniň köp ýerine aýlanýar. Jandarlaryň käbiri yssyny gowy görýän bolsa, käbiri suwda ýaşamagy halaýar. Olaryň arasynda gyş paslyny gowy görýänlerem bar. Käbir jandarlaryň tebigatda ajaýyp görnüşi emele getirýän garly meýdanlarda, aşa sowuk howada ýaşamagy köpleri haýran galdyrýar. Gazetimiziň şu sanynda garly ýerde ýaşaýan jandarlaryň käbiri barada gyzykly maglumatlary dykgatyňyza ýetirýäris.**



**Polýar aýylary.** Arktikanyň syrgynlap duran garly şertlerinde ýaşaýan iň uly ýyrtyjylaryň biri bolan «gar jandarlarynyň şasy» hasaplanýan polýar aýysynyň galyň ak sütügi aşa sowukda üşemän saklanmaga mümkinçilik berýär. Bu jandarlaryň uly penjeleri buzda ýöremegini aňsatlaşdyryp, garyň içinden awuny tapmagyna ýardam edýär. Ak aýylar balykdyr beýleki deňiz jandarlary bilen iýmitlenýärler. Uly göwresine garamazdan uzak aralyga ýüzüp bilýän polýar aýylarynyň boýy 3 metre, agramy 700 kilograma çenli ýetýär.



**Arktika tilkisi.** Ýer togalagynyň iň agyr şertlerinde ýaşap bilýän jandarlaryň biri hem arktika tilkisidir. Bu jandarlar diňe bir «ussat alpinistler» bolman, eýsem, howanyň temperaturasy -70 derejä çenli peselýän ýerlerde hem arkaýyn aw edip bilýärler. Arktika tilkisiniň aşa sowukda ýaşap bilmeginiň syry nämedekä? Bu jandarlaryň tüýjerip duran ak sütügi sowukdan we çygdan goranmaga mümkinçilik berýär.



**Gar baýgușy.** «Arktika baýguşy» diýlip hem atlandyrylýan gar baýguşy Uzak demirgazykdaky garly tundralarda aw etmäge ökde ýyrtyjy guşlaryň biridir. Bu guşuň ak ýelekleri «gar bilen garyşyp», awuny aňsatlyk bilen awlamagyna mümkinçilik berýär. Ganatlary 1,5 metre çenli uzalýan gar baýguşy buzly depelere aňsatlyk bilen çykýar. Arktika baýguşy baýguşlaryň iň uly görnüşi hasaplanýar.

**Karibu.** Täze ýyl baýramçylygy barada gürrüň gozgalanda «uçýan sugunlar» hem agzalyp geçýär. Sowuk ýurtlarda ýaşaýan karibular owadan şahlary bilen ünsi özüne çekýär. Aşa sowuga çydamly bu jandarlar sowuk sebitlerde ulag maly



hökmünde hem peýdalanylýar. Skandinaw ýurtlarynda suguna goşulan tirkegde gyş tebigatyny synlamaga mümkinçilik berýän syýahatçylyk merkezleri hem bar. Bu jandarlaryň täsin ýeri, tomsuna toýnaklary giňelýär, gyşyna bolsa buz gatlaklaryndan iýmit gazyp almak üçin ýygrylyp, daşy berk buýnuz bilen örtülýär.



**Arktika möjegi.** Möjegiň bu görnüşi iň sowuk we kyn şertlerde ýaşap bilýär. Arktika möjekleri gar we buz bilen örtülen giňişlikde uwlaşyp, ýaşamak üçin zerur bolan aragatnaşyk ulgamyny döredýärler. Bu jandarlaryň ýasy penjesi we barmagyndaky sütükleri buzda we garda arkaýyn ýöremegine ýardam edýär.



**Imperator pingwini.** Antarktidanyň nyşany hasaplanýan imperator pingwinleri aşa sowukda ýaşaýan guşlaryň biridir. Pingwiniň bu görnüşiniň ýelekleriniň düýbi ýag gatlagy bilen örtülen bolup, aşa sowukdan we ýelden goranmagyna mümkinçilik berýär. Imperator pingwinleri sowukdan goranmak üçin biri-birine ýakyn, topbak bolup, gysylyşyp durýarlar. Pingwinler bu usuly, esasan hem, çagalaryny aşa sowukdan goramak üçin ulanýarlar.



**Ermine.** Gemrijileriň bir görnüşi bolan ermine garly ýerde ýaşaýan ýyrtyjylaryň biridir. Gaýalaryň we agaçlaryň düýbünde hin gazýan ermineler syçandyr beýleki ownuk jandarlar bilen iýmitlenýärler. Bu gemrijileriň ak sütügi garyň üstünde aňsatlyk bilen aw etmäge mümkinçilik berýär.



**Gar gaplaňy.** Owadan çalymtyl-ak sütükli bu gaplaňlara «dag arwahlary» hem diýilýär. Uzynlygyna öz göwresiniň alty essesi aralyga böküp bilýän gar gaplaňlary Merkezi Aziýanyň dag gerişlerinde duş gelýär. Bu ýyrtyjylar Tibet goýny, dag towuklary bilen iýmitlenýärler. Şeýle-de towşan we guş hem awlaýarlar. Häzirki wagtda gar gaplaňlarynyň sany 10 müň töweregi bolup, ýyl-ýyldan azalýandygy bellenilýär.



**Arktika towşany.** Bu eýjejik jandarlaryň sütügi gyşyna ak bolup, ýazyna goňur reňke öwrülýär. Gysga gulakly Arktika towşany agaçlaryň köki, goza we käbir ösümlikler bilen iýmitlenýärler. Ak towşanlar iýmit tapmak üçin gary köwüp, ösümlikleriň köküni iýmek üçin hinleri hem gazýarlar. Ýüwrük jandarlaryň biri bolan Arktika towşanlary sagatda 65 kilometr tizlik bilen ylgap bilýärler.



Gyzykly pursat

Sanlary birleşdiriň!





## TOLKUN NÄDIP EMELE GELÝÄR?

Tolkunyň emele gelmegine, esasan, ýel täsir edýär. Şemalyň uzak wagtlap öwüsmegi bilen deňizdir ummanlarda «çişler» emele gelip, suw akymlarynda energiýa ýygnanýar. Şemal näçe giň meýdanly suwa täsir etse, energiýa hem şonça köp ýygnanyp, has uly tolkunlar emele gelýär. Aýyň dartyş güýjüniň artmagy ýa-da azalmagy hem suwy özüne çekip, tolkunlary emele getirýär. Kenarýakadan bat alýan tolkunlaryň deňziň ýa-da ummanyň has çuň ýerine baranda tizligi haýallap, beýikligi ýokarlanýar. Iň uly tolkunlaryň beýikligi 25 metre ýetýär. Uly tolkunlar kiçi tolkunlara görä has çalt hereket edýär. Tolkunlaryň hereketi dürli ugra bolsa-da, hemmesi birigip, kenara urýar. Deňziň kenaryndaky çägeli depeleri we käbir kiçiräk adalary tolkunlar emele getirýär.

Şekili reňkläň!



Labirint



10 tapawudy tapyň!



# 96-njy Oskar baýraklarynyň dalaşgärleri: sanlar, statistikalar, gyzykly maglumatlar

**Dünýäniň 7-nji sungaty bolan kinonyň iň uly baýragy Oskar hasaplanýar. Geçen hepdäniň dowamynda 96-njy Oskar baýraklarynyň dalaşgärleri mälim edildi. Amerikan kino sungaty we bilimi akademiýasy tarapyndan 1928-nji ýyldan bäri yzy üzülmän gowşurylyp gelinýän Oskar baýraklary 23 ugur boýunça berilýär.**

**Ýylyň şowly çykan ekran eseri «Oppenhaýmer» (Oppenheimer) filmi 13 ugur boýunça dalaşgär görkezildi. «Oppenhaýmer» 13 ugurdan dalaşgär görkezilen 14-nji kino hökmünde bellenildi . Film ýene 1 ugurdan dalaşgär görkezilen bolsa, onda Kristofer Nolanyň bu kinosy rekorda şärik bolardy. Şu wagta çenli 3 film iň köp ugur boýunça dalaşgär görkezildi. 1950-nji ýylda «Ewa barada hemme zat» (All About Eva), 1997-nji ýylda «Titanik» (Titanic) hem-de 2016-njy ýylda «La-La Lend» (La La Land) filmleri 14 ugurdan dalaşgärlige hödürlenipdi. «Titanik» 11 ugurdan ýeňiji bolan bolsa, beýleki 2-si 6 heýkeljik gazandy.**

### ILKINJI GEZEK HEM-DE REKORDLAR

Oskaryň taryhynda ilkinji gezek zenan režissýorlaryň üçüsiniň surata düşüren kinolary iň gowy film baýragyna hödürlendi. Greta Gerwig «Barbi» (Barbie), Selin Son «Öten günler» (Past Lives) hem-de Žýustin Trie «Ýykylmagyň anatomiýasy» (Anatomy of a Fall) filmleri bilen dalaşgär görkezilen zenan režissýorlardyr. 5 ýyldan bäri iň gowy film baýragyna dalaşgär görkezilýän ekran eserleriniň azyndan birini zenan režissýorlar surata düşürdi. Žýustin Trie iň gowy režissýor baýragyna dalaşgär görkezilen 8-nji zenan boldy.

«Oppenhaýmer» bilen «Barbi» filmleriniň, ýagny bir günde prokata giren 2 kinonyň dalaşgär bolmagy-da Oskaryň taryhynda ilkinji gezek duş gelinýän hadysa diýlip bellenilýär. Iki film 6 ugur boýunça özara bäsleşerler.

«Maestro» filminiň prodýuserleriniň biri bolan meşhur režissýor Stiwen Spilberg 13-nji gezek iň gowy film baýragyna dalaşgär görkezilip, bu babatda öz rekordyny täzeledi. «Maestro» filminiň režissýory hem-de baş keşbini janlandyryjy Bredli Kuper 2018-nji ýylda «Ýyldyz dogýar» (A Star is Born) filmi bilen hem iň gowy režissýor, hem-de iň gowy aktýor baýragyna dalaşgär görkezilen 15-nji şahsyýet bolupdy. Ol şeýle başarnygy 2-nji gezek gaýtalan 5-nji sungat ussady boldy.

### SKORSEZE SPILBERGDEN ÖŇE GEÇDI

«Dolan Aý ganhorlary» (Killers of Flower Moon) filminde baş keşbi janlandyran Lili Gladstoun Oskara dalaşgär görkezilen ilkinji indeý, ýerli halkyň ilkinji artisti hökmünde hasaba alyndy. Filmi surata düşüren Martin Skorseze 10-njy gezek iň gowy režissýor baýragyna dalaşgär görkezildi. Skorseze bu ugurda Stiwen Spilbergden öňe saýlanyp, 2-nji orna beýgeldi. Sanawyň başyny 14 dalaşgärlik bilen William Waýler çekýär. Skorseze 81 ýaşy bilen iň gowy režissýor baýragyna dalaşgär görkezilen iň ýaşuly režissýor boldy. Ol iň gowy režissýor ugry boýunça 1 gezek ýeňiji boldy. «Dolan Aý ganhorlary» filminiň montažçysy Telma Skunmeýker 9-njy gezek iň gowy montaž ugry boýunça dalaşgär bolup, bu ugur boýunça rekordy täzeledi. Şeýle-de, filmiň sazlaryny düzen Robbi Robertson iň gowy saz ugry boýunça ilkinji gezek Oskara dalaşgär görkezildi. Ol aradan çykanyndan soň dalaşgär görkezilen 64-nji şahsyýet boldy.



### 5 DÜRLI UGUR BOÝUNÇA DALAŞGÄR

Tanymal režissýor Wes Andersonyň «Henri Şugaryň ajaýyp hekaýasy» atly ekran eseri gysga metražly iň gowy film baýragyna dalaşgär görkezildi. Ussat režissýor 5 we 5-den köp ugur boýunça dalaşgär görkezilen 3-nji kino işgäri boldy. Ol mundan öňki filmleri bilen iň gowy film, iň gowy režissýor, iň gowy asyl ssenariý hem-de iň gowy animasiýa baýraklaryna dalaşgärlige hödürlenipdi.

«Amerikan hekaýasy» (American Fiction) filminiň artistleri – Jeffri Raýt hem-de Sterling K. Brown iň gowy aktýor we ikinji plandaky iň gowy aktýor baýraklaryna dalaşgär görkezildi. Olar bir filmde surata düşüp, bu iki ugur boýunça Oskara dalaşgär görkezilen ilkinji garaýagyz aktýorlar hökmünde hasaba alyndy.

«Gyzyklanma zolagy» filmini surata düşüren Jonatan Gleýzer iň gowy režissýor, iň gowy adaptirlenen ssenariý hem-de iň gowy halkara film baýraklaryna dalaşgär görkezilen ilkinji britaniýaly kino işgäri boldy. «Gyzyklanma zolagy» bilen «Ýykylmagyň anatomiýasy» filmleri 5 ugurdan dalaşgär görkezildi. Ady agzalan bu ekran eserleri iň gowy film baýragyna dalaşgärlige hödürlenen iňlis dilinde bolmadyk kinolar bolup, olaryň 2-sinde hem baş keşbi germaniýaly aktrisa Sandra Hüller janlandyrýar.

Emma Stoun («Görgüli betbagtlar», Poor Things) tanymal aktrisa Fransis MakDormanddan («Çarwadarlaryň mekany», Nomadland) soň bir kino bilen iň gowy aktrisa hem-de iň gowy film baýragyna dalaşgär görkezilen ilkinji aktrisa we prodýuser boldy. MakDormand 2021-nji ýyldaky şol filmi bilen 2 ugurda-da Oskar baýragyny gazanypdy. Ýeri gelende, «La-La Lend» filmindäki keşbi bilen iň gowy aktrisa saýlanan Emma Stounyň 2-nji Oskaryny almagyna hem garaşylýar. Bu ugurda onuň iň esasy bäsdeşi Lili Gladstoun hasaplanýar.

### IŇ ÝAŞULY DALAŞGÄR

Meşhur kompozitor Jon Williams «Indiana Jons we ykbal öwrümi» (Indiana Jones and the Dial of Destiny) filminiň sazlary üçin Oskara dalaşgär görkezildi. Bu onuň 54-nji dalaşgärligi bolup (49-sy iň gowy saz, 5-si iň gowy aýdym), ýaşap ýörenleriň arasynda iň köp dalaşgärligi bolan şahsyýetdir. Şu wagta çenli Oskara iň köp dalaşgärlik gazanan Wolt Disneý bolup, onuň 59 dalaşgärligi bar. Oskar heýkeljikleriniň 5-siniň eýesi, 91 ýaşly Jon Williams Oskaryň taryhyndaky iň ýaşuly dalaşgär hökmünde hasaba alyndy. Bu ugurda öz rekordyny täzelän Williams soňky gezek 1994-nji ýylda «Şindleriň sanawy» (Schindler's List) filmi bilen Oskar gazanypdy. Ol soňky 22 dalaşgärliginden eli boş gaýtdy.



### 10 ARTISTIŇ ILKINJI SYNANYŞYGY

Artistçilik boýunça jemi 4 ugur bolup, hersinde aktýor ýa-da aktrisa, jemi 20 artist dalaşgär görkezilýär. Şu ýylky 20 artistiň 10-sy ilkinji gezek Oskara dalaşgärlige hödürlendi. 6 aktrisa – Emili Blant, Danielle Bruks, Amerika Ferrara, Lili Gladstoun, Sandra Hüller, Da'Win Joý Rändolf hem-de 4 aktýor Sterling K. Brown, Kolman Domingo, Killian Mörfi, Jeffri Raýt ilkinji gezek Oskar dalaşgärliklerini gazandylar.

Oskar baýraklarynyň ikisiniň eýesi, meşhur aktrisa Jodi Foster 28 ýyldan soň 5-nji gezek Oskara dalaşgär görkezildi. «Naýed» (Nyad) filmindäki keşbi üçin ikinji plandaky iň gowy aktrisa baýragyna dalaşgär görkezilen aktrisa 1989-njy ýylda «Günäkärlenýän» (The Accused), 1992-nji ýylda-da «Guzularyň dymyşlygy» (The Silence of the Lambs) filmindäki keşbi bilen iň gowy aktrisa baýragyny gazanypdy.

### 6 JÜBÜT OSKARA YMTYLÝAR

96-njy Oskar baýraklaryna 6 jübüt (iki ýanýoldaş) dalaşgär görkezildi. Ýagny iň gowy adaptirlenen ssenariý baýragy üçin «Barbi» filminiň edebi esasyny ýazan režissýor Greta Gerwig bilen onuň ýanýoldaşy Noa Baumah, ýene-de şol ugur boýunça «Ýykylmagyň» anatomiýasy» filminiň ssenariçileri, filmiň režissýory Žýustin Trie bilen ýanýoldaşy Artur Harari, iň gowy asyl ssenariý baýragy üçin «Maý-dekabr» filminiň ssenariçileri Sämi Burç bilen Aleks Mekanik dalaşgärlige hödürlendi. Iň gowy film baýragy üçin «Barbi» filminiň prodýuserlerinden, kinoda baş keşbi janlandyrýan Margo Robbi bilen ýoldaşy Tom Akerli, ýene-de bu ugurdan «Oppenhaýmer» filminiň prodýuserleri, režissýor Kristofer Nolan bilen aýaly Emma Tomas dalaşgär görkezilen jübütlerdir. Şeýle-de, iň gowy gysga metražly animasiýa baýragyna dalaşgär görkezilen «95 duýgy» (Ninety-Five Senses) atly ekran eserine Jared Hess bilen Jeruşa Hess bilelikde režissýorlyk edip, olaryň ikisi ähli zady bilelikde taýýarladylar.

### GERWIG, ROBBI HEM-DE DI KAPRIO DALAŞGÄR GÖRKEZILMELIDI

«Barbi» filmini surata düşüren Greta Gerwigiň iň gowy režissýor baýragynyň daşynda galdyrylmagy Akademiýanyň bu ýylky dalaşgärleri bilen baglanyşykly esasy tankydy bellik bolup durýar. Gerwig bu film bilen birnäçe rekordy täzeläpdi. Şeýle-de, filmiň baş keşbinde surata düşen Margo Robbiniň hem iň gowy aktrisa baýragyna dalaşgär görkezilmändigini ýazgaranlar juda köp boldy. Kensiz Barbiniň, Greta Gerwigsiz hem-de Margo Robbisiz «Barbi» filminiň bolmajakdygy dürli ýollar bilen beýan edildi.

«Barbi» filmi «La-La Lend» filminden soň 2 aýdym bilen dalaşgär görkezilen ilkinji kino boldy. Mundan öň «Haýran galdyryjy» (Enchanted, 2007), «Düýşdäki gyzlar» (Dreamgirls, 2006), «Şa Ýolbars» (The Lion King, 1994), «Gözel we nägehan» (Beauty and the Beast, 1991) ýaly ekran eserleri 3 aýdym bilen hem dalaşgärlik gazanypdylar. 2008-nji ýylda girizilen düzgüne görä, 1 filme degişli iň köp 2 aýdymy dalaşgär görkezmek bolýar.

«Möwç urýan gyzgynlyk» (Flamin' Hot) filmindäki «The Fire Inside» atly aýdymy bilen iň gowy aýdym ugry boýunça dalaşgär görkezilen Daýan Worren bassyr 7-nji, umumylykda 15-nji gezek Oskara ymtylýar. 67 ýaşyndaky sungat işgärine mundan öňki 14 dalaşgärlinde şol arzyly heýkeljigi gazanmak miýesser etmedi. Onuň 2022-nji ýylda berlen Hormat Oskary bar.

«Dolan Aý ganhorlary» filminiň ýyldyzy, oskarly meşhur aktýor Leonardo Di Kaprionyň hem iň gowy aktýor baýragyna dalaşgär görkezilmändigini tankyt edýänleriň sany az däl. Willem Defo («Görgüli betbagtlar») bilen Şarlz Melto («Maý-dekabr», May December) ikinji plandaky iň gowy aktýor baýragyna dalaşgär görkezilmelidi diýýänleriň sany hem barmak basyp sanardan köpräk.

### MIÝAZAKI 2-nji OSKARYNY GAZANYP BILER

Iň gowy animasiýa baýragyna dalaşgär görkezilen animasiýalaryň arasynda ýaponiýaly anime ussady Haýao Miýazakiniň «Oglanjyk bilen guş» (Kimitachi wa Do Ikiru ka) atly animesiniň baýragy almagyna garaşylýar. Bu ugurda onuň iň esasy bäsdeşi «Möý adam: möý älemine geçiş» animasiýasy hasaplanýar. Multfilm önümçiliginiň öňdebaryjy studiýasy «Pixar»-yň dalaşgär görkezilen ekran eseri «Elementler» (Elemental) animasiýasyndan ýeňşe garaşylanok. Eger-de «Oglanjyk bilen guş» atly animasiýa baýragy gazansa, onda 21 ýyldan soň, 2-nji gezek bir animeniň Oskar baýragyny aldygy bolar. Oskaryň iň ýaş baýragy hasaplanýan iň gowy animasiýa baýragy 2001-nji ýylda sanawa girizilipdi. 2002-nji ýylda bolsa Haýao Miýazakiniň «Ruhlaryň gaçyşy» (Sen to Chihiro no Kamikakushi) atly animesi iň gowy animasiýa diýlip saýlanypdy.

96-njy Oskar baýraklarynyň gowşurylyş dabarasy 10-njy martdan 11-nji marta geçilýän gije guralar.

## 6-njy SKANWORD




## 6-njy KROSSWORD



**DIKLIGINE:** **1.** Surat çekmek, markalary, gerbarileri saklamak üçin kitap görnüşinde daşlanan arassa kagyzlar. **2.** Gyrgyz milli eposy. **3.** Mahmyt Kaşgarlynyň sözlügi «Diwany ...-et türk». **4.** Atlantik ummanynyň basseýniniň çetki ýarymýapyk deňzi. **5.** Ekiniň başynda çöp-çalamdan edilýän küme. **6.** Gowaçanyň hasyly. **7.** Nahar iýilýän kiçiräk agaç gap. **8.** Daşa, uzaga. **13.** Ynsan. **14.** Ýewropada deňze çykalgasy bolmadyk döwlet. **15.** Aziýada bir döwlet. **17.** Goňşy döwletleriň biri. **18.** Bitertip sesleriň jemi. **19.** «Kyrk ýyl ... gezinçäň, bütin bir ýyl ner gezgin» (Mollanepes). **22.** Oglan ady. **23.** Gury sowuk, şatlama aňzak. **25.** «Ýagyş» sözüniň iňlisçesi. **27.** ...-ýaý. **28.** Suwulgana meňzeş kiçijik jandar. **31.** «Atlanyp meýdan çykaly, ganyma ... bakaly» (Magtymguly Pyragy). **33.** Bir işi etmegiň täri, ugry. **36.** Galyň teletinden, sanaçdan ýa-da çekiden we ş.m. taýýarlanylýan, dabanyň aşagyny tutup duran, üsti açyk, bagjykly, tomsuna geýilýän iki ýany gulakly aýakgap. **37.** Gruziýada uly derýa. **38.** Ýumşak mata. **39.** Gyz ady. **40.** Gananyň paýtagty. **41.** Birden, duýdansyz. **42.** Şwesiýanyň port şäheri. **43.** Ýaponiýada bir şäher.

**KESELIGINE:** **1.** Gelnalyja gidilende, düýehalygyň üstünden dakylýan, asylýan dürli dörtburç mata bölejiklerinden edilen bezeg esbaby. **5.** Köküninden sary reňk taýýarlamak we köküni döwüp, ýumurtganyň sarysyna garyp, agyra ýapmak üçin ulanylýan ot. **9.** Jaý gurluşygy boýunça hünärmen. **10.** Ördekler maşgalasyndan bolan uly aw guşy. **11.** Amerikan tehnologiýa kompaniýasy. **12.** Bir zadyň ölçegi. **16.** Çiliniň demirgazygynda ýerleşýän dünýäniň iň gurak çöli. **20.** Baglaýjy kömekçi. **21.** «... içinden tutaşar» (nakyl). **22.** Usullyk, sesaplylyk. **24.** Oglan ady. **26.** Mata ýa-da başga bir zada reňk berýän jisim. **29.** Ýaponiýada merkezi şäher. **30.** Wengriýanyň demirgazygyndaky Býukk we Matra dag gerişleriniň günorta eňňitlerinde ýerleşýän şäher. **32.** Himiki element. **34.** Çagajyga mamasy, babasy tarapyndan berilýän mal. **35.** Kömekçi söz. **36.** Döşi, arkany, iki böwri sowuk ýarag urgusyndan goraýan polat örtgi. **40.** Türkiýede bir şäher. **44.** Bir zada jogap berlende inkär edilip aýdylýan söz. **45.** Kambojanyň paýtagty. **46.** Saz gurallary bolmazdan polifoniki hor aýdymy. **47.** Kerpijiň bir görnüşi. **48.** Lingwistik elementleriň gaýtalanmagyndan ybarat stilistik şekil.









# SPORT



## Bir sözlemde

NBA-da «Dallas Maweriks» toparynyň öz meýdançasynda «Atlanta Hawksy» 148:131 hasap bilen ýeňen duşuşygynda ýeňiş gazanan toparyň sloweniýaly ýyldyzy Luka Dončiç 73 utuk geçirip, onuň görkezen bu netijesi NBA-nyň taryhynda 1 oýunçy tarapyndan 1 oýunda iň köp utuk geçirilen 4-nji görkeziji hökmünde hasaba alyndy (Çemberleýn 100 utuk, 78 utuk, Kobe Braýant 81 utuk).

Gandbol boýunça erkekleriň arasynda Germaniýada geçirilen Ýewropa çempionatynyň finalynda goşmaça wagtda Daniýany 33:31 hasabynda ýeňen Fransiýanyň milli ýygyndysy 2006-njy, 2010-njy hem-de 2014-nji ýyllardan soň 4-nji gezek yklymyň çempiony bolmagy başardy (bürünç medala Germaniýany 34:31 hasabynda ýeňen Şwesiýa mynasyp boldy).

Pekin 2022 gyşky Olimpiýa oýunlarynda barlaglary dopingli çykan russiýaly türgen Kamila Waliýewanyň (figuralaýyn typmak) dopinglidigi CAS tarapyndan resmi ýagdaýda tassyklanyp, onuň gazanan altyn medaly alyndy we oňa 4 ýyllyk jerime berildi (onuň jerimesi 2026-njy ýylda tamamlanýar).

NBA-da «All Star 2024»-e çagyrylan basketbolçylar belli bolup, «Los Anjeles Leýkersiň» super ýyldyzy LeBron Jeýms 20-nji gezek sanawa alyndy we bu ugurda Karim Abdul Jabbaryň rekordyny täzelemegi başardy.

Ispaniýaly tennisçi Rafael Nadalyň 2007-nji ýylda «Fransiýa Açyk» ýaryşynyň finalynda Rojer Federeri ýeňip, karýerasyndaky 3-nji «Uly tuwulgasyny» gazanan raketkasy 118 müň dollara satyldy.



## NOÝWILL TÄZE MÖWSÜME ÝEŇIŞ BILEN BAŞLADY

Dünýä Ralli çempionatynyň täze 52-nji möwsümine badalga berildi. Möwsümiň ilkinji ýaryşy adatça bolşy ýaly, Monakonyň paýtagty Monte-Karloda geçirildi. 17 tapgyrdan ybarat bolan 324,44 kilometrlik ýaryşda «Hyundai Shell Mobis» toparynyň belgiýaly sürüjisi Tierri Noýwill ýeňiş gazandy. Ol 3 sagat 9 minut 30,9 sekuntda ýaryşy tamamlap, karýerasyndaky 20-nji ýeňşini baýram etdi.

Ýaryşda 2–3-nji orunlary «Toyota Gazoo» toparynyň sürüjileri eýeläp, ýeňijiden 16,1 sekunt yza galan fransiýaly Sebastian Ožie 2-nji, 45,2 sekunt soň pellehana gelen britaniýaly Elfin Ewans 3-nji ýere mynasyp boldy.

Möwsümiň 2-nji ýaryşy 15-18-nji fewral aralygynda Şwesiýada geçiriler.



## MÖWSÜMIŇ ILKINJI «ULY TUWULGA» TENNIS ÝARYŞY TAMAMLANDY

**Möwsümiň ilkinji «Uly tuwulga» tennis ýaryşy bolan «Awstraliýa Açyk» tamamlandy. 112-nji gezek geçirilen ýaryşda erkekleriň arasynda täze çempion ýüze çykan bolsa, zenanlarda geçen ýylyň ýeňijisi çempionlygyny goramagy başardy. Esasan hem, zenanlaryň arasynda ýaş tennisçileriň öňe saýlanan ýaryşynda erkekleriň arasynda italiýaly Ýannik Sinner taryhy çempionlyk gazandy. Zenanlardan bolsa belarusly Aryna Sabalenka bassyr 2-nji gezek çempion diýen ady eýeledi. Çempion bolan tennisçileriň hersine aýratynlykda 2,1 million amerikan dollary (3 million 150 müň awstraliýa dollary) pul baýragy berildi.**

### ILKINJI ITALÝAN TENNISÇISI

«Awstraliýa Açyk» tennis ýaryşynda erkekleriň arasyndaky finalda italiýaly Ýannik Sinner bilen russiýaly Daniil Medwedew duşuşdy. 4-nji orundaky Sinner bilen 3-nji basgançakdaky Medwedewiň arasyndaky final duşuşygy 3 sagat 44 minutda tamamlandy. Duşuşygyň 1-2-nji setinde 27 ýaşyndaky Medwedew 6:3 hasaplar bilen ýeňiş gazanyp, umumy hasapda 2:0 öňe saýlandy. 3-nji setde Ýannik Sinner 6:4 hasabynda agza-burna gelen ýeňşi Medwedewiň elinden alyp, hasaby 2:1-e ýetirdi. 4-nji set hem şol hasap bilen Sinneriň peýdasyna tamamlandy we umumy hasap deňlendi. Jemleýji setde-de ýeňiş 6:3 hasap bilen Sinneriň tarapynda boldy. Şunlukda, 22 ýaşyndaky Sinner karýerasyndaky ilkinji «Uly tuwulga» kubogyny gazandy. Ol «Awstraliýa Açykda» çempion bolan ilkinji italiýaly tennisçi boldy. Galyberse-de, Sinner «Fransiýa Açykda» çempionlyk gazanan Nikola Pietranjeli (1959, 1960) bilen Adriano Panattadan (1976) soň «Uly tuwulga» ýaryşlarynda ýeňiji bolan 3-nji italiýaly erkek tennisçi hökmünde hasaba alyndy.





Şol bir wagtyň özünde Sinner 2008-nji ýyldan bäri «Awstraliýa Açykda» çempionlyk gazanan iň ýaş tennisçi boldy. Sinner 2015-nji ýyldan bäri «Awstraliýa Açyk» ýaryşynda «Uly üçlük» diýlip meşhurlyk gazanan Nowak Jokowiç (6), Rojer Federer (2) hem-de Rafael Nadaldan (1) daşgary çempionlyk gazanan ilkinji tennisçi hökmünde bellige alyndy.

2021-nji we 2022-nji ýyllardan soň 3-nji gezek «Awstraliýa Açygyň» finalynda utulan Medwedew mundan 2 ýyl ozalky finalda-da ilkinji 2 setde üstün çyksa-da, Nadaldan 3:2 hasabynda ýeňlipdi. Ol «Açyk» döwürde 2 gezek finalda 2:0 hasabynda öňe saýlanyp, soňlugy bilen utulan ilkinji tennisçi hökmünde hasaba alyndy. Medwedew şu ýylky ýaryşda 7 duşuşygyň 4-sinde (2-nji tapgyr, çärýek we ýarym final hem-de final) 5 set oýnap, ol 2 rekord goýdy – 24 sagat 17 minutlap meýdançada galan Medwedew jemi bir ýaryşda 31 set oýnady.

### ÝEKE SETDE-DE UTULMAN ÇEMPIONLYGYNY GORADY

Zenanlaryň arasyndaky finalda 2-nji belgidäki belarusly Aryna Sabalenka bilen 12-nji ýerdäki hytaýly Çžen Sinwen duşuşyp, oýun uzak wagtlap dowam etmedi. 77 minutda tamamlanan oýunda Sabalenka 2 setde garşydaşyny ýeňmegi başardy. 1-nji setde 6:3, 2-nji setde 6:2 hasaplar bilen ýeňiş gazanan Sabalenka «Awstraliýa Açykda» bassyr 2-nji gezek çempion diýen ady eýeledi. Ol watandaşy Wiktoriýa Azarenkadan (2012, 2013) soň çempionlygyny goran ilkinji zenan tennisçi boldy. Şeýle-de, Sabalenka 2000-nji ýyldan bäri Lindsi Dewonportdan (2000), Mariýa Şarapowadan (2008), Serena Williamsdan (2017) hem-de Eşli Bartiden soň (2022) «Awstraliýa Açykda» ýeke setde hem utulman çempionlyk gazanan 5-nji tennisçi boldy.





### ÝAŞ TENNISÇILER ÖŇE SAÝLANDY

15 günläp dowam eden tennis ýaryşynda, esasan hem, zenanlaryň arasynda ýaş tennisçiler öňe saýlandy. 2-nji tapgyrda Uns Žaberi ýeňen russiýaly 16 ýaşyndaky Mirra Andreýewa 4-nji tapgyra çenli gelmegi başardy. 20 ýaşyndaky russiýaly başga bir tennisçi Mariýa Timofeýewa hem 4-nji tapgyra çenli erjel oýun görkezdi. Sanawyň 1-nji belgili tennisçisi Iga Şwentegi bolsa başga bir ýaş tennisçi, 19 ýaşyndaky çehiýaly Linda Noskowa 3-nji tapgyrda ýaryşdan çykardy. Ýaryşa saýlama tapgyryndan başlan ukrainaly Daýana Ýastremska ýarym finalda çempion Sabalenkadan asgyn geldi. Ýastremska «Awstraliýa Açykda» 46 ýyldan soň saýlama tapgyryndan başlap, ýarym finala çykan ilkinji tennisçi boldy. WTA-nyň sanawynda 12-nji orunda barýan 21 ýaşyndaky Çžen Sinwen ilkinji gezek «Uly tuwulgalarda» finala çykdy.



### JOKOWIÇ TARYHY PURSADY ELDEN GIDERDI

Ilkinji gezek «Awstraliýa Açykda» ýarym finalda asgyn gelen 24 «Uly tuwulganyň» eýesi Nowak Jokowiç Margaret Kort bilen paýlaşýan iň köp «Uly tuwulga» gazanan tennisçi rekordyny öz adyna geçirip bilmedi. Ýarym finalda Ýannik Sinnerden asgyn gelen 36 ýaşyndaky Jokowiç Olimpiýa oýunlarynyň geçirilýän ýylynda «Altyn Uly tuwulga» derejesine ýetmek mümkinçiligini elden giderdi.



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*2-nji fewral (anna)*

**Haýdenhaým – Borussiýa D (00:30)**
**Strasbur – PSŽ (01:00)**

*3-nji fewral (şenbe)*

**Ewerton – Tottenham (17:30)**
**Bawariýa – Borussiýa M (19:30)**
**Darmştadt – Baýer (19:30)**
**Frozinone – Milan (22:00)**
**Alawes – Barselona (22:30)**
**Aýaks – PSW (00:00)**
**Žirona –R. Sosiedad (01:00)**

*4-nji fewral (ýekşenbe)*

**AZ Alkmaar – Feýenoord (18:30)**
**M. Ýunaýted – West Ham (19:00)**
**Çelsi – Wulwerhempton (19:00)**
**Beşiktaş – Trabzonspor (21:00)**
**Brest – Nissa (21:05)**
**Arsenal – Liwerpul (21:30)**
**Atalanta – Lasio (22:00)**
**Inter – Ýuwentus (00:45)**
**Lion – Marsel (00:45)**
**Real Madrid – Atletiko (01:00)**

*5-nji fewral (duşenbe)*

**Roma – Kaliari (00:45)**
**Brentford – Man. Siti (01:00)**

## Klopp «Liwerpuldan», Hawi «Barselonadan» gidýär

Geçen hepdäniň ahyrynda Ýewropanyň öňdebaryjy 2 klubundan birmeňzeş habar gelip gowuşdy. «Premier Ligada» çempionlyga ymtylýan «Liwerpul» toparynyň hem-de «La Ligada» geçen möwsümiň çempiony «Barselonanyň» tälimçileri möwsümiň ahyrynda tälimçilik edýän klublaryndan gitjekdiklerini aýtdylar.

«Premier Ligada» häzirki wagtda sanawyň 1-nji ornunda barýan «Liwerpul» toparynyň tälimçisi Ýurgen Klopp möwsümiň ahyrynda klubdan gidýändigini mälim etdi. 56 ýaşyndaky germaniýaly hünärmeniň wezipesini taşlajakdygy klubuň sosial media ulgamy arkaly habar berildi. Klopp: — Bu habary eşideniňizde köpiňiz geň galyp bilersiňiz. Ýöne muny size düşündirmekçi. Men «Liwerpuly» gowy görýän, bu şäheri, topary, janköýerleri, toparyň düzümini halaýaryn. Ýöne şeýle netijä geldim. Güýjüm gutarýar. Häzirki wagtda mesele ýok. Emma şu habary bermelidigimi köp wagtdan bäri bilýärin. Şu wagt ýagdaýym gowy, ýöne... — diýip, beýanat berdi.





Ýurgen Klopp 2015-nji ýylyň oktýabrynda «Liwerpulyň» tälimçiligine bellenipdi. Klub onuň tälimçiliginde «Premier Ligada» 30 ýyldan soň ilkinji çempionlygyny gazanypdy. Şeýle-de, Klopp «Liwerpula» UEFA Çempionlar Ligasynyň çempionlygyny, UEFA Super Kubogyny, FIFA Klublar arasy Dünýä Kubogyny, Angliýanyň Super Kubogyny, FA Kubogyny, Angliýanyň Liga Kubogyny gazandyrdy. Klub UEFA Çempionlar Ligasynda 2 gezek 2-nji ýeri eýeledi.

22-nji tapgyryň çäginde öz meýdançasynda «Wilýarrealdan» 5–3 hasabynda utulan «Barselona» toparynyň tälimçisi Hawi hem möwsümiň ahyrynda katalonlardaky wezipesinden gitjekdigini aýtdy. Ol: — 30-njy iýunda klubdan gidýärin. Bu barada klubuň başlygy we beýleki ýolbaşçylar bilen gelen gutarnykly netijämiz şeýle. «Barselona» toparyna täzeçillik gerekli. Her näme-de bolsa möwsümi şowly tamamlarys diýip umyt edýärin. Özümden öň klubuň aladasyny etmeli. Şeýle karara gelmegimiň oýunçylara, umuman topara kömegi deger diýip pikir edýärin. «Barselonanyň» öňüne böwet bolmak islämok. Žoan Laporta sagbolsun aýdýaryn. Ol diýseň ajaýyp adam — diýip, beýanat berdi.

Hawi «Barselona» toparyna 2021-nji ýylyň 6-njy noýabrynda tälimçilige bellendi. Ol katalonlara 2022/23 möwsüminde «La Liganyň» çempionlygyny hem-de Ispaniýanyň Super Kubogyny gazandyrdy.

## «Barselona» 61 ýyldan soň 5 gol geçirtdi

Ispaniýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Žirona» myhmançylykda «Selta» toparyndan Portunyň 20-nji minutda geçiren ýeke-täk goly esasynda üstün çykdy. «Real Madrid» myhmançylykda «Las Palmas» bilen duşuşyp, ýer eýeleriniň öňe geçendigine garamazdan, Winisius Junior hem-de Tçuameniniň gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Tapgyryň iň köp ünsi çeken duşuşygy Barselona şäherinde bolup, katalonlar öz meýdançasynda «Wilýarrealdan» 5–3 hasabynda asgyn geldi. Moreno hem-de Ahomaşyň gollary bilen öňe saýlanan «Wilýarreala» «Barselona» topary Gündoganyň, Pedriniň hem-de Beýiniň (awtogol) gollary bilen jogap berip, hasaby 3–2-ä çykardy. Ýöne 84-nji minutda täze transfer Gedeşiň goly bilen hasaby deňlän «Wilýarreal» 90-njy minutdan soň 2 gol geçirip, ýeňşini baýram etdi. Garşylyklaýyn hüjümlerde gollary 90+9-njy minutda Serlot, 90+12-nji minutda-da Morales öz atlaryna ýazdyrdylar. «Barselona» çempionatda 61 ýyldan soň öz meýdançasynda 5 gol geçirtdi. Soňky sapar «Real Madrid» 1963-nji ýylda «Kamp Nouda» «Barselonanyň» derwezesinden 5 gol geçiripdi (5–1). 20-nji tapgyryň galdyrylan duşuşygynda-da «Barselona» öz meýdançasynda «Osasunany» täze transfer Witor Rokeniň oýna gireninden 1 minut soň 63-nji minutda geçiren goly esasynda 1–0 hasabynda ýeňdi. 22-nji tapgyrda «Walensiýany» Lino hem-de Depaýyň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen «Atletiko Madrid» 20-nji tapgyryň galdyrylan duşuşygynda «Raýo Wallekanony» 90-njy minutda ýene-de Depaýyň goly esasynda ýeňlişe sezewar etdi (2–1).





Memfis Depaý

### PREMIER LEAGUE (22) – 30 gol

**Nottingam Forest—Arsenal: 1–2** (Awonýi 89 — Žesus 65, Saka 72), **Luton Town—Braýton: 4–0** (Adebaýo 1, 42, 56, Ogbene 3), **K. Palas—Şeffild Ýun: 3–2** (Eze 17, 27, Olise 67 — Brerton Diaz 1, Makeýti 20), **Aston Willa—Nýukasl: 1–3** (Wotkins 71 — Şer 32, 36, Moreno 52 ö.d.), **Fulham—Ewerton: 0–0, Tottenham—Brentford: 3–2** (Udodži 48, Jonson 49, Rişarilison 56 — Mope 15, Touni 67), **Mançester Siti—Börnli: 3–1** (Alwares 16, 22, Rodri 46 — Al-Dahil 90+3), **Liwerpul—Çelsi: 4–1** (Žota 23, Bredli 39, Soboslai 65, Diaz 79 — Nkunku 71), **West Ham—Bornmut, Wulwerhempton—M. Ýunaýted**

### LA LIGA (22) – 22 gol

**Almeriýa—Alawes: 0–3** (Omorodion 10, 88, Rioha 52 p), **R. Sosiedad—R. Wallekano: 0–0, Las Palmas—Real Madrid: 1–2** (Munios 53 — Winisius Junior 65, Tçuameni 84), **Barselona—Wilýarreal: 3–5** (Gündogan 60, Pedri 68, Beýi 71 ö.d. — Moreno 41, Ahomaş 54, Gedeş 84, Serlot 90+9, Morales 90+12), **Malýorka—Betis: 0–1** (Altimira 45+1), **Selta—Žirona: 0–1** (Portu 20), **Kadiz—Atletik: 0–0, Sewilýa—Osasuna: 1–1** (Romero 24 — Budimir 55), **Atletiko—Walensiýa: 2–0** (Lino 45+5, Depaý 57), **Hetafe—Granada: 2–0** (Grinwud 21, Maýoral 36)

### SERIE A (22) – 21 gol

**Kaliari—Torino: 1–2** (Wiola 77 — Zapata 23, Riççi 45+3), **Atalanta—Udineze: 2–0** (Mirançuk 33, Skamakka 45+1), **Ýuwentus—Empoli: 1–1** (Wlahowiç 50 — Baldani 70), **Milan—Bolonýa: 2–2** (Loftus-Çik 45, 83 — Zirkzee 29, Orsolini 90+2 p), **Jenoa—Leççe: 2–1** (Retegi 70, Ekuban 76 — Krstowiç 31), **Monza—Sassuolo: 1–0** (Kolpani 31), **Lasio—Napoli: 0–0, Werona—Frozinone: 1–1** (Suslow 45+3 p — Kaýo Žorže 58), **Fiorentina—Inter: 0–1** (Martines 14), **Salernitana—Roma: 1–2** (Kastanos 70 — Dibala 51 p, Pellegrini 66)

### BUNDESLIGA (19) – 26 gol

**Aýntraht—Maýns: 1–0** (Gýotse 73), **Augsburg—Bawariýa: 2–3** (Demirowiç 52, 90+4 p — Pawlowiç 23, Dewis 45+5, Keýn 58), **Werder—Fraýburg: 3–1** (Dukş 9 p, Nžinma 53, Malatini 90+3 — Grifo 28 p), **Wolfsburg—Köln: 1–1** (Parades 40 — Alidu 38), **Hoffenhaým—Haýdenhaým: 1–1** (Kramariç 45+7 p — Dinkçi 29), **Ştutgart—Leipsig: 5–2** (Miýo 25 p, Undaw 30, 56, 75, Leweling 48 — Şeşko 32, Openda 55), **Baýer—Borussiýa M: 0–0, Union Berlin—Darmştadt: 1–0** (Hollerbah 62), **Borussiýa D—Bohum: 3–1** (Füllkrug 7 p, 72, 90+1 p — Şlotterbek 45 ö.d.)

### LIGUE 1 (19) – 24 gol

**Lion—Renn: 2–3** (Enrika Silwa 57, Lakazett 78 — Terrie 22, 41, Due 36), **Nissa—Mets: 1–0** (Gessand 76 p), **Marsel—Monako: 2–2** (Obameýang 38, Balerdi 50 — Ben Ýedder 7, Akliuş 45+3), **Monpelie—Lill: 0–0, Klermon—Strasbur: 1–1** (Nikolson 52 — Dion 34), **Loriýan—Le Hawr: 3–3** (Luza 33, Karri 51, Bamba 90+2 — Sabbi 15 p, Andre Aýew 85, 90+4), **Reýms—Nant: 0-0, Tuluza—Lans: 0–2** (Koşta 42, Diuf 55), **PSŽ—Brest: 2–2** (Asensio 38, Kolo Muani 45 — Kamara 55, Pereýra Lage 80)

### ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 22 | 15 | 6 | 1 | 51-19 | 51 |
| 2 | MAN. SITI | 21 | 14 | 4 | 3 | 51-24 | 46 |
| 3 | ARSENAL | 22 | 14 | 4 | 4 | 44-21 | 46 |
| 4 | TOTTENHAM | 22 | 13 | 4 | 5 | 47-33 | 43 |
| 5 | ASTON WILLA | 22 | 13 | 4 | 5 | 44-30 | 43 |
| 6 | WEST HAM | 21 | 10 | 5 | 6 | 35-32 | 35 |
| 7 | NÝUKASL | 22 | 10 | 2 | 10 | 44-33 | 32 |
| 8 | BRAÝTON | 22 | 8 | 8 | 6 | 38-37 | 32 |
| 9 | M. ÝUNAÝTED | 21 | 10 | 2 | 9 | 24-29 | 32 |
| 10 | ÇELSI | 22 | 9 | 4 | 9 | 36-35 | 31 |
| 11 | W. HEMPTON | 21 | 8 | 5 | 8 | 30-31 | 29 |
| 12 | FULHAM | 22 | 7 | 4 | 11 | 28-36 | 25 |
| 13 | BORNMUT | 20 | 7 | 4 | 9 | 28-39 | 25 |
| 14 | K. PALAS | 22 | 6 | 6 | 10 | 25-36 | 24 |
| 15 | BRENTFORD | 21 | 6 | 4 | 11 | 31-36 | 22 |
| 16 | N. FOREST | 22 | 5 | 5 | 12 | 27-40 | 20 |
| 17 | LUTON TAWN | 21 | 5 | 4 | 12 | 28-38 | 19 |
| 18 | EWERTON | 22 | 8 | 4 | 10 | 24-28 | 18 |
| 19 | BÖRNLI | 22 | 3 | 3 | 16 | 22-45 | 12 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 22 | 2 | 4 | 16 | 19-54 | 10 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 14 |
| 2 | Mohamed SALAH (Liwerpul) | 14 |
| 3 | Dominik SOLANKE (Bornmut) | 13 |
| 4 | Hyn Min SON (Tottenham) | 12 |
| 5 | Jarred BOWEN (West Ham) | 11 |

### ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ŽIRONA | 22 | 17 | 4 | 1 | 52-25 | 55 |
| 2 | REAL MADRID | 21 | 17 | 3 | 1 | 45-14 | 54 |
| 3 | BARSELONA | 22 | 14 | 5 | 3 | 44-29 | 47 |
| 4 | ATLETIKO M | 22 | 15 | 2 | 5 | 44-24 | 47 |
| 5 | ATLETIK B | 22 | 12 | 6 | 4 | 38-21 | 42 |
| 6 | R. SOSIEDAD | 22 | 9 | 9 | 4 | 32-21 | 36 |
| 7 | BETIS | 22 | 8 | 10 | 4 | 25-24 | 34 |
| 8 | WALENSIÝA | 22 | 9 | 5 | 8 | 27-26 | 32 |
| 9 | LAS PALMAS | 22 | 9 | 4 | 9 | 22-19 | 31 |
| 10 | HETAFE | 21 | 7 | 8 | 6 | 28-28 | 29 |
| 11 | OSASUNA | 22 | 7 | 5 | 10 | 26-33 | 26 |
| 12 | ALAWES | 22 | 7 | 5 | 10 | 22-27 | 26 |
| 13 | R. WALLEKANO | 22 | 5 | 9 | 8 | 19-28 | 24 |
| 14 | WILÝARREAL | 22 | 6 | 5 | 11 | 33-45 | 23 |
| 15 | MALÝORKA | 22 | 3 | 11 | 8 | 19-26 | 20 |
| 16 | SEWILÝA | 22 | 3 | 8 | 11 | 27-36 | 17 |
| 17 | SELTA | 22 | 3 | 8 | 11 | 21-32 | 17 |
| 18 | KADIZ | 22 | 2 | 10 | 10 | 15-31 | 16 |
| 19 | GRANADA | 22 | 2 | 5 | 15 | 22-44 | 11 |
| 20 | ALMERIÝA | 22 | 0 | 6 | 16 | 21-49 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 14 |
| 2 | Artem DOWBYK (Žirona) | 14 |
| 3 | Borha MAÝORAL (Hetafe) | 14 |
| 4 | Alwaro MORATA (Atletiko) | 13 |
| 5 | Antuan GRIZMANN (Atletiko) | 11 |

### ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 21 | 17 | 3 | 1 | 50-10 | 54 |
| 2 | ÝUWENTUS | 22 | 16 | 5 | 1 | 36-13 | 53 |
| 3 | MILAN | 22 | 14 | 4 | 4 | 43-25 | 46 |
| 4 | ATALANTA | 21 | 11 | 3 | 7 | 37-21 | 36 |
| 5 | ROMA | 22 | 10 | 5 | 7 | 36-26 | 35 |
| 6 | LASIO | 21 | 10 | 4 | 7 | 24-20 | 34 |
| 7 | FIORENTINA | 21 | 10 | 4 | 7 | 29-22 | 34 |
| 8 | BOLONÝA | 21 | 8 | 9 | 4 | 25-20 | 33 |
| 9 | NAPOLI | 21 | 9 | 5 | 7 | 30-25 | 32 |
| 10 | TORINO | 21 | 8 | 7 | 6 | 20-19 | 31 |
| 11 | MONZA | 22 | 7 | 7 | 8 | 21-28 | 28 |
| 12 | JENOA | 22 | 7 | 7 | 8 | 24-26 | 28 |
| 13 | FROZINONE | 22 | 6 | 5 | 11 | 29-41 | 23 |
| 14 | LEÇÇE | 22 | 4 | 9 | 9 | 21-31 | 21 |
| 15 | SASSUOLO | 21 | 5 | 4 | 12 | 26-37 | 19 |
| 16 | WERONA | 22 | 4 | 6 | 12 | 20-30 | 18 |
| 17 | UDINEZE | 22 | 2 | 12 | 8 | 23-37 | 18 |
| 18 | KALIARI | 22 | 4 | 6 | 12 | 21-38 | 18 |
| 19 | EMPOLI | 22 | 4 | 5 | 13 | 15-36 | 17 |
| 20 | SALERNITANA | 22 | 2 | 6 | 14 | 19-44 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 19 |
| 2 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 12 |
| 3 | Oliwie ŽIRU (Milan) | 10 |
| 4 | Matias SULE (Frozinone) | 9 |
| 5 | Domeniko BERARDI (Sassuolo) | 9 |

### GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAÝER | 19 | 15 | 4 | 0 | 50-14 | 49 |
| 2 | BAWARIÝA | 19 | 15 | 2 | 2 | 56-18 | 47 |
| 3 | ŞTUTGART | 19 | 12 | 1 | 6 | 43-25 | 37 |
| 4 | BORUSSIÝA D | 19 | 10 | 6 | 3 | 40-26 | 36 |
| 5 | LEIPSIG | 19 | 10 | 3 | 6 | 42-26 | 33 |
| 6 | AÝNTRAHT | 19 | 8 | 7 | 4 | 30-22 | 31 |
| 7 | FRAÝBURG | 19 | 8 | 4 | 7 | 25-31 | 28 |
| 8 | HOFFENHAÝM | 19 | 7 | 4 | 8 | 35-37 | 25 |
| 9 | WERDER | 19 | 6 | 5 | 8 | 28-32 | 23 |
| 10 | HAÝDENHAÝM | 19 | 6 | 5 | 8 | 28-35 | 23 |
| 11 | WOLFSBURG | 19 | 6 | 4 | 9 | 23-30 | 22 |
| 12 | BORUSSIÝA M | 19 | 5 | 6 | 8 | 35-38 | 21 |
| 13 | AUGSBURG | 19 | 5 | 6 | 8 | 28-36 | 21 |
| 14 | BOHUM | 19 | 4 | 8 | 7 | 21-37 | 20 |
| 15 | UNION BERLIN | 18 | 5 | 2 | 11 | 18-32 | 17 |
| 16 | KÖLN | 19 | 2 | 6 | 11 | 12--34 | 12 |
| 17 | MAÝNS | 18 | 1 | 8 | 9 | 14-30 | 11 |
| 18 | DARMŞTADT | 19 | 2 | 5 | 12 | 22-47 | 11 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 23 |
| 2 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 17 |
| 3 | Loi OPENDA (Leipsig) | 13 |
| 4 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 12 |
| 5 | Ermedin DEMIROWIÇ (Augsburg) | 10 |

### FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 19 | 13 | 5 | 1 | 46-16 | 44 |
| 2 | NISSA | 19 | 11 | 5 | 3 | 20-11 | 38 |
| 3 | BREST | 19 | 10 | 5 | 4 | 29-17 | 35 |
| 4 | MONAKO | 19 | 10 | 4 | 5 | 36-27 | 34 |
| 5 | LILL | 19 | 8 | 8 | 3 | 24-14 | 32 |
| 6 | REÝMS | 19 | 9 | 3 | 7 | 25-24 | 30 |
| 7 | MARSEL | 19 | 7 | 8 | 4 | 28-21 | 29 |
| 8 | LANS | 19 | 8 | 5 | 6 | 23-19 | 29 |
| 9 | RENN | 19 | 6 | 7 | 6 | 28-24 | 25 |
| 10 | STRASBUR | 19 | 6 | 7 | 6 | 20-24 | 25 |
| 11 | LE HAWR | 19 | 5 | 8 | 6 | 22-23 | 23 |
| 12 | MONPELIE | 19 | 4 | 8 | 7 | 19-23 | 19 |
| 13 | NANT | 19 | 5 | 4 | 10 | 20-30 | 19 |
| 14 | TULUZA | 19 | 3 | 8 | 8 | 16-25 | 17 |
| 15 | METS | 19 | 4 | 4 | 11 | 16-29 | 16 |
| 16 | LION | 19 | 4 | 4 | 11 | 19-33 | 16 |
| 17 | KLERMON | 19 | 3 | 6 | 10 | 14-28 | 15 |
| 18 | LORIÝAN | 19 | 2 | 7 | 10 | 24-41 | 13 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 19 |
| 2 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 10 |
| 3 | Aleksander LAKAZETT (Lion) | 9 |
| 4 | Akor ADAMS (Monpelie) | 7 |
| 5 | Pier-Emerik OBAMEÝANG (Marsel) | 7 |

## «Liwerpulyň» ynamly ýeňşi

**Angliýanyň çempionatynda** duşuşyklar ençeme wagtdan soň adaty ýagdaýda geçirilip, tapgyryň merkezi oýnunda «Liwerpul» öz meýdançasynda «Çelsini» 4–1 hasabynda ýeňdi. Žota, Bredli, Soboslai hem-de Diazyň gollary bilen uly hasaply ýeňiş gazanan «Liwerpulda» 42-nji minutda Nunýesiň uran penaltisi sütüne degdi. Tapgyryň başga bir ünsi çeken duşuşygynda «Nýukasl» myhmançylykda «Aston Willany» Şeriň (2) hem-de Morenonyň (ö.d.) gollary bilen 3–1 hasabynda utdy. Çempion «Mançester Siti» 2-nji liganyň çempiony «Börnlini» 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Şäherliler gollarynyň 2-sini Alwares, beýlekisini-de Rodri geçirdi. «Arsenalyň» myhmançylykda «Nottingam Foresti» 2–1 hasap bilen ýeňen tapgyrynda London derbisinde «Tottenham» garşydaşynyň öňe saýlanandygyna garamazdan, «Brentforddan» 3–2 hasabynda üstün çykdy. Tapgyryň iň geň galdyryjy netijesi «Luton Tawnyň» öz meýdançasynda «Braýtonyň» derwezesinden jogapsyz 4 gol girizmegi boldy. Eýýäm 3-nji minutda 2–0 hasabynda öňe saýlanan «Luton Tawnyň» gollarynyň 3-sini Adebaýo öz adyna ýazdyrdy.





Elaýjo Adebaýo

**Italiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Inter» myhmançylykda «Fiorentinany» Lautara Martinesiň ýeke-täk goly bilen ýeňlişe sezewar etdi. 18-nji minutda hüjümçisi (Arkadiuş Milik) gyzyl kart alan «Ýuwentus» öz meýdançasynda «Empoli» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. Loftus-Çigiň 2 goluna (45, 83) garşylyk Zirkzee (29) hem-de Orsolininiň (90+2 p) geçiren gollary bilen «Milan»–«Bolonýa» duşuşygynda ýeňiş gazanan bolmady. Soňky minutda ýeňşi elden gideren «Milanyň» fransuz futbolçylary 42-nji we 74-nji minutlarda degişlilikde, Oliwie Žiru bilen Teo Hernandes penalti urgularyny takyk urup bilmediler. «Lasio» bilen «Napoliniň» arasyndaky oýundan gol sesi eşidilmedi. «Roma» bolsa myhmançylykda «Salernitanany» Dibala hem-de Pellegrininiň gollary esasynda 2–1 hasabynda utdy.

**Germaniýanyň çempionatynda** sanawyň ýeňlişsiz lideri «Baýer» topary öz meýdançasynda «Borussiýa M» topary bilen golsuz deňme-deň oýnap, 5 tapgyr soň utuk ýitirdi. Myhmançylykda «Augsburg» bilen duşuşan «Bawariýa» garşydaşyny 3–2 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda münhenlileriň 3-nji goluny Harri Keýn geçirip, ol Luka Toniden soň «Bundesligada» ilkinji möwsüminde 19 oýunda 23 gol salan 2-nji futbolçy boldy. «Borussiýa Dortmundyň» Fülkrugyň het-trigi bilen «Bohumy» 3–1 ýeňen tapgyrynda «Leipsig» myhmançylykda «Ştutgartdan» 5–2 hasabynda asgyn geldi. Çempionatda bassyr 3-nji gezek utulan «Leipsigiň» derwezesinden gollaryň 3-sini Deniz Undaw geçirdi.

**Fransiýanyň çempionatynda** sanawyň lideri PSŽ öz meýdançasynda 3-nji ýerdäki «Brest» bilen 2-2 hasabynda deňme-deň oýnady. Asensio bilen Kolo Muaniniň gollary esasynda 2-0 öňe saýlanan parižliler 2-nji ýarymda Kamara hem-de Pereýra Lageniň gollaryna alaç tapyp bilmedi. Tapgyryň merkezi duşuşygynda-da ýeňiş gazanan bolman, «Marsel» bilen «Monako» 2-2 hasabynda deňme-deň oýnady. «Monakodan» 11-nji minutda Maripan, 87-nji minutda bolsa Zakariýa gyzyl kart aldy.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# AZIÝADYR AFRIKADA ÇÄRÝEK FINAL DUŞUŞYKLARY











**Katarda dowam edýän futbol boýunça 18-nji Aziýa Kubogynda 1/8 finalyň duşuşyklary geçirilip, çärýek finala çykanlar belli boldy. Afrika Milletler Ligasyna garanyňda, garaşylmadyk netijeleri azrak bolan çempionatda Saud Arabystanynyň ýygyndysyna çärýek finala çykmak başartmady. Ilkinji gezek gatnaşýan Täjigistanyň ýygyndysy bolsa ýaryşy dowam etdirýär.**

1/8 finalda Awstraliýanyň ýygyndysyna ilkinji ýola toparçadan çykmagy başaran Indoneziýany ýeňmek kyn düşmedi. 4–0 hasabynda ýeňiş gazanan Awstraliýanyň gollaryny Baggott (ö.d.), Boýl, Gudwin hem-de Suttar geçirdi. Awstraliýanyň ýygyndysy 5-nji gezek gatnaşýan ýaryşynda her saparam çärýek finala çykmagy başardy.

Ilkinji gezek yklym bäsleşigine wekilçilik edýän Täjigistanyň ýygyndysy horwatiýaly tälimçisi Petar Şegrtiň ýolbaşçylygynda toparçadan çykyp, janköýerlerini begendiripdi. 1/8 finalda BAE bilen duşuşan täjikler 30-njy minutda Hanonowyň goly bilen öňe saýlandy. BAE-niň ýygyndysyna 90+5-nji minutda hasaby deňlemek başartdy. Al Hammadiniň goly bilen hasaby deňlän BAE oýundan soňky 11 metrlik jerime urgularynda 5–3 hasabynda utulyp, ýaryşdan çykdy. Täjigistanyň ýygyndysy bolsa iň gowy 8 ýygyndynyň hataryna goşuldy.

Ýer eýeleri Kataryň ýygyndysy Palestina bilen duşuşyp, 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. 37-nji minutda Dabbahyň goly bilen öňe geçen Palestinanyň derwezesinden jogap gollaryny Al-Haýdos (45+6) bilen Afif (49 p) geçirdi.

Edil şol netije Özbegistan bilen Tailandyň arasyndaky oýunda-da hasaba alnyp, Merkezi Aziýanyň wekili 5-nji gezek çärýek finala adyny ýazdyrdy. Özbeklere ýeňiş getiren gollary Turgunboýew bilen Faýzullaýew derwezä girizdi.



## 90-njy MINUTDAN SOŇ 2 GOL GEÇIRTDI

Toparçada Ýaponiýany ýeňip, hemmäniň ünsüni özüne çeken Yragyň ýygyndysy şol başarnygyny 1/8 finalda gaýtalap bilmedi. Iordaniýa bilen duşuşan Yragyň ýygyndysy öňde barýan duşuşygynda 90-njy minutdan soň 2 gol geçirdip, dramatik ýagdaýda ýaryşdan çykdy. 45+1-nji minutda Iordaniýa Al-Naimatyň goly bilen hasaby açdy. 68-nji minutda Natik hasaby deňlese, 76-njy minutda Hussein çempionatdaky 6-njy goluny geçirip, Yragy öňe saýlady. Ýöne Husseiniň 77-nji minutda 2-nji sarydan soň gyzyl kart almagy ähli zady üýtgetdi. 90+5-nji minutda Al-Arab hasaby deňlese, 90+7-nji minutda Al-Raşdan Iordaniýa ýeňiş getiren oýunçy boldy. Iordaniýanyň ýygyndysy 3-nji gezek çärýek finalda oýnar.

## SAUD ARABYSTANY ÜÇIN ÝARYŞ IR TAMAMLANDY

Tapgyryň iň esasy duşuşygy Saud Arabystany bilen Günorta Koreýanyň arasynda boldy. Koreýler Malaýziýanyň soňky minutlarda hasaby deňlemeginden soň toparçada 2-nji orny eýeledi. Olar 1-nji orny eýelän bolsalar Ýaponiýa bilen duşuşmalydy. Netijede, 1/8 finaldan soň 2 güýçli ýygyndynyň biri ýaryşdan çykmalydy we bu bije Saud Arabystanynyň paýyna düşdi. Duşuşykda araplar 46-njy minutda Radifiň goly bilen öňe saýlandy. Ýöne bu goldan soň topar bolup öňe okdurylan koreýler çepden-sagdan eden hüjümleriniň miwesini 90-njy minutdan soň aldylar. 90+9-njy minutda Ço Gun Son kelle urgusy bilen agza-burna gelen ýeňşi araplaryň elinden aldy. Netijede, duşuşygyň esasy wagty, goşmaça wagty-da deňlikde tamamlandy. Oýundan soňky penalti urgularynda 4-2 öňe saýlanan Günorta Koreýanyň ýygyndysy 64 ýyllyk çempionlyk küýsegini diňdirmek üçin çärýek finala çykyp, 2-nji ädimi ätdi. Roberto Mançininiň tälimçiligindäki Saud Arabystany bolsa garaşylyşyndan ir çempionat bilen hoşlaşdy.

Ýaponiýanyň ýygyndysy Bahreýni 3–1 hasabynda ýeňip, duşuşykdaky gollaryň 4-sini hem ýaponlar derwezä girizdi. Ýaponiýanyň ýygyndysyna ýeňiş getiren gollary Doan, Kubo hem-de Ueda geçirdi. Bahreýniň ýeke-täk golunyda Suzuki ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden girizdi.

## EÝRANYŇ ÝYGYNDYSY KYNLYK BILEN

Iň soňky çärýek finalçy Eýranyň ýygyndysy bolup, olara muny başarmak ýeňil düşmedi. Olar 1/8 finalda argentinaly meşhur hünärmen Hektor Kuperiň tälimçiliginde ilkinji gezek toparçadan çykan Siriýanyň ýygyndysy bilen duşuşdy. 34-nji minutda Mehdi Tareminiň penalti goly eýranlylary öňe çykardy. Ýöne laýyk 30 minutdan soň Siriýa hem Hribiniň penalti goly bilen hasaby deňledi. Duşuşygyň 81-nji minutynda 2-nji sary kartyny alan Taremi meýdançadan çykaryldy. Netijede, goşmaça wagtda hasap üýtgemedi we ýeňijini penalti urgulary kesgitledi. Bu urgularyň 5-sini hem dürs ýerine ýetiren eýranly futbolçylar 5–3 hasabynda ýeňiş gazanyp, 14-nji gezek çärýek finala çykdy. 1968-1976-njy ýyllar aralygynda gazanylan 3 çempionlykdan soň altyn medaly ýatdan çykaran eýranlylara 15-nji gezek gatnaşýan ýaryşynda diňe 1992-nji ýylda toparçadan çykmak başartmady.

## ÇÄRÝEK FINALDA AWSTRALIÝA–GÜNORTA KOREÝA, EÝRAN–ÝAPONIÝA DUŞUŞYKLARY

Çärýek finalda yklymyň öňdebaryjy 4 toparynyň özara duşuşygyndan soň olaryň 2-si ýaryşdan çykar. Şu gün hem-de ertir oýnaljak ýarym finalda Täjigistan bilen Iordaniýanyň (16:30), Awstraliýa bilen Günorta Koreýanyň (20:30) ýygyndylary duşuşarlar. Awstraliýa bilen Günorta Koreýanyň ýygyndylary 29-njy gezek özara güýç synanyşarlar. Öňki oýunlarda koreýalylar 8, awstraliýalylar 9 gezek ýeňiş gazanyp, 2 topar hem 28 gol geçirdi.

3-nji fewralda bolsa Eýran bilen Ýaponiýanyň ýygyndylarynyň haýsy hem bolsa biri üçin ýaryş tamamlanar. Al-Raýýandaky «Education City» stadionynda geçiriljek duşuşyk 16:30-da başlar. Iki topar mundan öň 18 gezek duşuşyp, hersi 6 sapar ýeňiş gazandy.

Şol gün ýer eýeleri Kataryň ýygyndysy bolsa 20:30-da başlanjak oýunda Özbegistanyň ýygyndysy bilen ýarym finala çykmak üçin güýç synanyşar.

Ýarym finalyň oýunlary 6–7-nji, final duşuşygy 10-njy fewralda geçiriler.

*1/8 finalyň duşuşyklarynyň netijeleri:*

**Awstraliýa—Indoneziýa: 4–0** (Baggott 12 ö.d., Boýl 45, Gudwin 89, Suttar 90+1); **Täjigistan—BAE: 1–1, 5–3 p** (Hanonow 30 – Al Hammadi 90+5); **Yrak—Iordaniýa: 2–3** (Natik 68, Hussein 76 – Al-Naimat 45+1, Al-Arab 90+5, Al-Raşdan 90+7); **Katar—Palestina: 2–1** (Al-Haýdos 45+6, Afif 49 p — Dabbah 37); **Özbegistan—Tailand: 2–1** (Turgunboýew 37, Faýzullaýew 65 — Supaçok 58); **Saud Arabystany—Günorta Koreýa: 1–1, 2–4 p** (Radif 46 — Ço Gun Son 90+9); **Bahreýn—Ýaponiýa: 1–3** (Suzuki 64 ö.d. — Doan 31, Kubo 49, Ueda 72); **Eýran—Siriýa: 1–1, 5–4 p** (Taremi 34 p – Hribin 64 p)

**Gyş paslynda geçirilmegi bilen «Premier Ligadyr» «Ligue 1» ýaly Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlaryna özüniň oňaýsyz täsirini ýetirýän Afrika Milletler Kubogynda şu çempionatda hasam köp garaşylmadyk netijeler hasaba alyndy. Faworitleriň kynlyk bilen ýeňiş gazanyp, käbirleriniň soňky demde 1/8 finala çykmagy, käbirleriniň bolsa düzüminde ýyldyz oýunçylaryň bardygyna garamazdan, çempionat bilen ir hoşlaşmagy ýaly wakalary özünde jemleýän 34-nji Afrika Milletler Kubogynda çärýek finala garaşylýan toparlaryň käbirleri çykyp bilmedi. Gana, Alžir, Tunis ýaly kubogy ozal eýelän ýygyndylar toparçadan çykyp bilmän ýaryş bilen ir hoşlaşdylar. 1/8 finalda bolsa olaryň hataryna Kamerunyň, Müsüriň, soňky çempion Senegalyň hem-de Marokkonyň ýygyndylary goşuldy.**

1/8 finalda Angolanyň ýygyndysyna ilkinji gezek toparçadan çykan Namibiýany ýeňmek kyn düşmedi. Dala (2) we Mabululunyň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňiş gazanan Angola 3-nji gezek çärýek finala adyny ýazdyrdy. Çempionlygyň dalaşgärlerinden Nigeriýanyň ýygyndysy Ademola Lukmeniň 36-njy we 90-njy minutlarda geçiren gollary bilen Kameruny 2–0 hasabynda ýeňdi. 3 gezek çempionlyk gazanyp, 4 sapar 2-nji orny eýelän Nigeriýanyň ýygyndysy 17-nji gezek çärýek finalda oýnar.



## ÇEMPION ÖÝÜNE DOLANDY

Toparçadan kynlyk bilen 1/8 finala çykan ýer eýeleri Kot-d'Iwuaryň ýygyndysy garaşylmadyk ýagdaýda soňky çempion Senegaldan üstün çykdy. 4-nji minutda Habib Diallonyň goluna ýer eýeleri 86-njy minutda Frank Kessiniň penalti goly bilen jogap berip, oýnuň esasy hem-de goşmaça wagtynda ýeňiş gazanan bolmady. Oýundan soňky 11 metrlik jerime urgularynda 5–4 hasabynda üstün çykan Kot-d'Iwuar 12-nji gezek çärýek finala çykdy.

Ekwator Gwineýasy bilen Gwineýanyň ýygyndylarynyň arasyndaky oýunda ýeňijini ýeke-täk gol kesgitledi. Şol goly-da 90+8-nji minutda Gwineýanyň hüjümçisi Mohamed Baýo geçirdi. 1976-njy ýylyň finalçysy Gwineýanyň ýygyndysy 3-nji sapar çärýek finala çykdy.

## IŇ KÖP ÇEMPION BOLAN TOPARDY

Yklymyň iň köp çempion bolan topary Müsüriň ýygyndysy bilen 1968-nji we 1974-nji ýyllarda Zair ady bilen 2 gezek ýeňiş gazanan Kongo DR-niň milli topary duşuşdy. 1-nji ýarymda geçirilen gollardan soň duşuşygyň esasy we goşmaça wagty deňlikde tamamlandy (1–1. Oýundan soňky penalti urgularynda toparlar 8 urgy ýerine ýetirdi. Müsürliler şolaryň 2-sini, kongolylar 1-ini dürs urup bilmediler. Netijede, 8–7 hasabynda öňe saýlanan Kongo DR çärýek finala çykdy.

Kabo Werdeniň ýygyndysy çempionata 3-nji gezek Mawritaniýanyň ýygyndysyny Mendesiň 88-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren goly bilen 1–0 hasabynda utdy. Maliniň ýygyndysy-da geçen çempionatda 4-nji ýeri eýelän Burkino Fasonyň ýygyndysyny 2–1 hasabynda ýeňip (E. Tapsoba 3 ö.d., Sinaýoko 47 — Traore 57 p), 11 ýyldan soň çärýek finalda oýnamaga hukuk gazandy.

## ÇEMPIONLYGYŇ ESASY DALAŞGÄRIDI

Çempionat başlamazdan ozal, iň esasy faworit Katar 2022 Dünýä Kubogynda 4-nji ýeri eýelän Marokko hasaplanýardy. Toparçadan 7 utuk bilen çykan Marokkonyň ýygyndysy 1/8 finalda Günorta Afrikanyň ýygyndysy bilen duşuşdy. Duşuşykda Günorta Afrikanyň ýygyndysy Makgopanyň (57) hem-de Mokoenanyň (90+5) gollary bilen ýeňşini baýram etdi.

## ÇÄRÝEK FINAL DUŞUŞYKLARY

Çärýek finalyň duşuşyklary şu gün hem-de ertir geçiriler. 2-nji fewralda Nigeriýa bilen Angolanyň (22:00) hem-de Kongo DR bilenem Gwineýanyň (01:00) ýygyndylary duşuşarlar. 3-nji fewralda bolsa Mali bilen Kot-d'Iwuar (22:00) hem-de Kabo Werde bilen Günorta Afrika (01:00) toparlary ýarym finala çykmak üçin özara güýç synanyşarlar.

Ýarym finalyň oýunlary 7-nji, final duşuşygy bolsa 10-njy fewralda geçiriler.

**1/8 finalyň duşuşyklarynyň netijeleri:**

**Angola—Namibiýa: 3–0** (Dala 38, 42, Mabululu 66), **Nigeriýa—Kamerun: 2–0** (Lukmen 36, 90), **Ekwator Gwineýasy—Gwineýa: 0–1** (Baýo 90+8), **Müsür—Kongo DR: 1–1, 7–8 p** (Mostafa 45+1 p — Elia 37), **Kabo Werde—Mawritaniýa: 1–0** (Mendes 88 p), **Senegal—Kot-d'Iwuar: 1–1, 4–5 p** (H. Diallo 4 — Kessi 86 p), **Mali—Burkino Faso: 2–1** (E. Tapsoba 3 ö.d., Sinaýoko 47 — Traore 57 p), **Marokko—Günorta Afrika: 0–2** (Makgopa 57, Mokoena 90+5)





